TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTAN BILEN RUSSIÝA FEDERASIÝASY DOSTLUGYŇ, HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYGYŇ, TARYHY GATNAŞYKLARYŇ BERK BINÝADYNA DAÝANYP, DÖWLETARA GATNAŞYKLARY YZYGIDERLI PUGTALANDYRÝARLAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
20-nji ýanwar, 2023. Belgisi 3/1517



# TÜRKMENISTAN — RUSSIÝA:
## ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

**Türkmenistany we Russiýa Federasiýasyny gadymdan gelýän dostluk gatnaşyklary, taryhy taýdan ýola goýlan hyzmatdaşlyk baglanyşdyrýar. Häzirki döwürde strategik hyzmatdaşlyk esasynda ýola goýulýan gatnaşyklar ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda sazlaşykly ösdürilýär. Türkmenistan we Russiýa abraýly halkara guramalaryň çäklerinde netijeli gatnaşyklary ýola goýmak arkaly, sebit hem-de ähլumumy parahatçylygyň, howpsuzlygyň, abadançylygyň üpjün edilmegi bilen baglanyşykly wajyp meselelerde garaýyşlaryň ýakyndygyny beýan edýärler.**

17-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi.

Söhbetdeşler iki ýurduň däp bolan dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryna ygrarlydygyny tassykladylar. Bu hyzmatdaşlyk umumy bähbitlere laýyk gelýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň ähli ugurlar boýunça okgunly ösýändigi kanagatlanma bilen bellenildi. Syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Şunda döwletara gatnaşyklaryň ýokary derejede gazanylan ylalaşyklary durmuşa geçirmek arkaly amala aşyrylýandygy nygtaldy.

19-20-nji ýanwarda Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygy Mihail Mişustin ýurdumyzda saparda bolýar. Bu Mihail Mişustiniň Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygy hökmünde Türkmenistana amala aşyrýan ilkinji saparydyr. Russiýanyň wekiliýetiniň düzümine Hökümetiň wekilleri bilen birlikde Russiýa Federasiýasynyň sebitleriniň ýolbaşçylarynyň hem girýändigi bellärliklidir. Ýurdumyz Russiýanyň sebitleriniň 60-dan gowragy bilen netijeli söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ýola goýdy. Şolaryň hatarynda Tatarystan Respublikasy, Astrahan we Swerdlowsk oblastlary, Sankt-Peterburg şäheri ýaly ýurduň iri senagat, medeni merkezleri bar.

Türkmenistan Russiýanyň sebitde iri söwda hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Ikitaraplaýyn söwdanyň möçberi we düzümi yzygiderli artdyrylýar.

Şu gezekki saparyň çäklerinde uly wekilçilikli rus wekiliýetiniň agzalary Türkmen-rus işewürlik maslahatyna, işewürlik geňeşiniň bilelikdäki mejlisine, Russiýanyň Türkmenistandaky söwda öýüniň açylyş dabarasyna gatnaşarlar. Bu bolsa ikitaraplaýyn ykdysady gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýyna baha berip, geljek üçin anyk wezipeleri kesgitlemäge amatly mümkinçilik bolar.

Ýurdumyz bilen Russiýa Federasiýasynyň kompaniýalary köp ýyldan bäri iş alyp barýarlar. «Gazprom» kompaniýasy Türkmenistandan gazy eksport etmegi guramak boýunça «Türkmengaz» döwlet konserni bilen hyzmatdaşlyk etse, «Lukoýl» bilen «Tatneft», öz gezeginde, uglewodorod ýataklaryny özleşdirmek işine gatnaşýar. «Transmaşholding» kärhanasynyň teplowozlary, «KamAZ» kysymly ýük awtoulaglary bolsa ýurdumyzyň maşyngurluşyk senagatynyň tehniki binýadynyň berkidilmegine goşant goşýar. Şunda «Wozroždeniýe» kompaniýasynyň soňky 10 ýyldan



gowrak wagtyň dowamynda Diýarymyzyň çar künjeginde umumy bahasy 1,5 milliard amerikan dollaryndan gowrak bolan ýol-ulag düzüminiň desgalaryny gurandygyny hem bellemek gerek.

Umuman, dostlukly ýurduň Hökümet Başlygynyň şu gezekki saparynyň Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky çuňlaşdyrylan strategik hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň ýolunda möhüm tapgyr boljakdygyny ynamly aýdyp bolar.

# SAÝLAW MÖWSÜMINE BADALGA BERILDI

**16-njy ýanwarda Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Ol Mejlisiň ýedinji çagyrylyşynyň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň bäşinji çagyrylyşynyň agzalarynyň, Geňeşleriň dokuzynjy çagyrylyşynyň agzalarynyň saýlawlaryna taýýarlyk görmek baradaky meselelere bagyşlandy.**

Mejlise merkezi saýlaw toparlarynyň agzalary, merkezi saýlaw toparynyň ýanynda döredilen iş toparlarynyň wekilleri, ýurdumyzyň syýasy partiýalarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň jogapkär işgärleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Mejlisiň gün tertibine öňde boljak saýlawlary geçirmek bilen baglanyşykly birnäçe meseleler girizildi. Hususan-da, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, bu möhüm jemgyýetçilik-syýasy çäräni 2023-nji ýylyň 26-njy martynda geçirmek bellenildi. Merkezi saýlaw topary saýlawlara taýýarlyk görmek we olary geçirmek boýunça çäreleriň gündelik meýilnamasyny tassyklady. Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine, Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň kararyna laýyklykda, 2023-nji ýylyň 16-njy ýanwaryndan başlap saýlaw möwsümine badalga berilýändigi yglan edildi. Saýlawlaryň başlanmagyna 60 gün galanda dalaşgärleri teklip etmek başlanýar.

Merkezi saýlaw toparynyň karary bilen, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň saýlawlary boýunça saýlaw okruglarynyň 125-si, hususan-da, Aşgabat şäherinde 17-si, Ahal welaýatynda 16-sy, Balkan welaýatynda 10-sy, Daşoguz welaýatynda 27-si, Lebap welaýatynda 26-sy, Mary welaýatynda 29-sy döredildi. Bu okruglaryň san belgileri, atlary, merkezleri we araçäkleri baradaky maglumatlar merkezi we ýerli metbugatda çap ediler. Okruglaryň we Geňeşlikleriň bäş ýyllyk ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagy bilen baglylykda, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda, Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary boýunça okrug saýlaw toparlary, şeýle hem Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça etraplardaky şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň saýlaw toparlary döredildi.

Saýlaw toparynyň düzümine syýasy partiýalar, jemgyýetçilik guramalary we raýatlaryň toparlary tarapyndan wekiller öňe sürüldi. Şeýlelikde, 125 okrugdan ybarat saýlaw topary hem-de etraplardaky şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň 572 sany saýlaw topary döredildi. Welaýat halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary boýunça saýlaw okruglarynyň 240-sy welaýatlaryň her birinde, Aşgabat şäherinde bolsa 40-sy döredildi. Etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary boýunça etraplaryň we şäherleriň hersinde degişli saýlaw okruglarynyň 20-si – jemi 980-si: Ahal welaýatynda 160, Balkan welaýatynda 180, Daşoguz welaýatynda 160, Lebap wela-



ýatynda 180, Mary welaýatynda 220, Aşgabat şäherinde 80 okrug döredildi.

Şu mejlisiň çäklerinde oňa gatnaşyjylar öňde boljak möwsümiň birnäçe guramaçylyk meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Saýlaw işleriniň geçirilişine diňe bir syýasy partiýalar we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan milli synçylar däl, eýsem, halkara bilermenlerdir synçylar hem gözegçilik ederler. Hususan-da, zerur resminamalar, şol sanda gollanmalar, gözükdirijiler, synçylar hem-de ýurdumyzyň raýatlary üçin dürli maglumatlar tassyklandy, birnäçe saýlaw toparlarynyň agzalary üçin okuw sapaklaryny geçmek meýilleşdirildi.

Mejlise gatnaşyjylar saýlawlaryň aýdyňlygyny we giň bäsdeşligini üpjün etmek boýunça möhüm wezipeleri kesgitlediler. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň içeri we daşary syýasatynyň, amala aşyrylýan giň möçberli döwlet maksatnamalarynyň, syýasy-demokratik özgertmeleriň mazmunyny ilat arasynda giňden wagyz etmäge gönükdirilen çäreleri işjeňleşdirmegiň wajypdygy bellenildi. Şeýle hem welaýatlaryň we Aşgabat şäher saýlaw toparlarynyň ýolbaşçylarynyň öňde boljak saýlawlara taýýarlyk boýunça alyp barýan işleri, dürli derejedäki çäreleri guramagyň meseleleri baradaky maglumatlary diňlenildi. Onda ilat arasynda geçirilýän wagyz-nesihat işlerine möhüm ornuň degişlidigi aýdyldy. Bellenilişi ýaly, saýlaw toparlaryna aýratyn jogapkärçilik degişlidir. Olaryň anyk we sazlaşykly işi wajyp jemgyýetçilik-syýasy çäräniň üstünliginiň möhüm şertini emele getirýär.

Mejlisiň deputatlarynyň, halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň demokratik ýörelgeleri çuňlaşdyrmagyň ýolundaky möhüm ädimdigini we oňyn özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirmekde ygtybarly binýat bolup durýandygyny nygtap, merkezi saýlaw toparynyň agzalary saýlaw möwsüminiň ýokary derejede geçirilmegi ugrunda ähli zerur tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň mejlisiniň dowamynda başga-da birnäçe guramaçylyk meselelerine garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.



# MÖHÜM JEMGYÝETÇILIK–SYÝASY WAKA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda beýik işleriň rowaçlanýan ajaýyp döwri boldy. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň ilkinji günlerinde Gahryman Arkadagymyzyň döwletimiziň kanun çykaryjy edarasynyň düzümleriniň işini kämilleşdirmek barada öňe süren başlangyçlarynyň täze taryhy eýýamda uly ähmiýete eýedigini bellemek möhümdir.

Şu günler ýurdumyzyň ähli ýerinde Gahryman Arkadagymyzyň Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek we milli parlamentimizi bir palataly ulgama geçirmek baradaky oňyn başlangyjy ara alnyp maslahatlaşylýar. Ýurdumyzda amala aşyrylýan konstitusion özgertmeler raýat jemgyýetini berkarar etmekde, kanun çykaryjy edaralaryň düzümini kämilleşdirmekde uly ähmiýete eýedir. 2



## OZON GATLAGY gaýtadan dikeldiler

Ozon gatlagyna zeper ýetirýän maddalary çäklendirmekdäki halkara çäreler kem-kemden onuň dikelmegine getirip, ýakyn 40 ýylda Antarktidany goşmak bilen dünýäniň ähli sebitlerinde 1980-nji ýylyň derejesine gaýdyp geler.

4



## BUZ MYHMANHANALARY: sowuk howadaky täsirli başdangeçirmeler

Syýahatçylyk pudagynda jahankeşdelere giň mümkinçilikler, amatly şertler, gaýtalanmajak başdangeçirmeler hödürlenilýär. Şolaryň arasynda gyşyna dynç alýan myhmanlar üçin her ýyl ýörite gurulýan buz myhmanhanalary aýratyn ünsi çekýär.

5



## FIFA 2022-nji ÝYLYŇ ökdelerini saýlaýar

Dünýä futbolynyň hojaýyny FIFA «The Best FIFA Football» baýraklarynyň dalaşgärleriniň sanawyny mälim etdi. FIFA futbolçydyr tälimçileriň 2021-nji ýylyň 8-nji awgustyndan – 2022-nji ýylyň 18-nji dekabryna çenli aralykdaky döwürde görkezen netijelerini hasaba alyp, ýeňijileri şoňa görä kesgitlär.

7



## BIR ASYRLYK awtoulag sergisi

Belgiýanyň paýtagty Brýusselde halkara awtoulag sergisi geçirilýär. Belgiýa Awtoulag federasiýasy (FEBIAC) tarapyndan «Expo Center» sergiler merkezinde guralýan halkara çäre 14-nji ýanwardan 22-nji ýanwara çenli dowam edýär.

8

# MÖHÜM JEMGYÝETÇILIK–SYÝASY WAKA

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Häzirki wagtda biziň jemgyýetimiziň öňünde Garaşsyz Watanymyzyň taryhynda aýratyn orun eýelejek ýene bir möhüm wezipe durýar. Ol hem Mejlisiň ýedinji çagyrylyşynyň deputatlarynyň, welaýat, etrap we şäher halk maslahatlarynyň bäşinji çagyrylyşynyň agzalarynyň, Geňeşleriň dokuzynjy çagyrylyşynyň agzalarynyň 2023-nji ýylyň 26-njy martynda geçiriljek saýlawlarydyr.

Öz saýlawçylaryna milli parlamentde hem-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda wekilçilik etmek hukugyna ildeşlerimiziň uly hormatyndan hem-de ynamyndan peýdalanýan iň mynasyp raýatlar dalaş ederler. Dalaşgärleriň hatarynda oba zähmetkeşleri, döwlet edaralarynyň wekilleri, dürli pudaklaryň esasy hünärmenleri, ykdysadyýet, bilim, ylym, medeniýet, saglygy goraýyş ulgamlarynyň işgärleri, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň we birleşikleriniň wekilleri bolar.

Döwlet Baştutanymyz «Men hemişe döwür bilen aýakdaş kanunçylygymyzyň bolmalydygyny belleýärin» diýip nygtamak bilen, jemgyýetçilik-syýasy işlerinde milli parlamentiň wekilleriniň hem



uly ornunyň bardygyna, bu işde olaryň işjeň hereketleriniň uly meseleleri çözýändigine ünsi çekýär.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi (Parlamenti) kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan wekilçilikli edaradyr. Mejlis 125 deputatdan ybarat bolup, olar saýlawçylarynyň sany takmynan deň bolan saýlaw okruglary boýunça bäş ýyl möhlete saýlanýarlar. Türkmenistanyň Mejlisinde 8 komitet hereket edýär: Olar - Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky; Kada-kanunçylyk baradaky; Ylym, bilim medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky; Ykdysady meseleler baradaky; Durmuş syýasaty baradaky; Halkara we parlamentara aragatnaşyklar baradaky; Daşky gurşawy goramak, tebigatdan peýdalanmak we agrosenagat toplumy baradaky; Ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek baradaky komitetlerdir.

Türkmenistanyň Mejlisiniň alyp barýan köptaraplaýyn işinde halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge ýardam bermek bolan halkara we parlamentara işiniň meseleleri möhüm orun tutýar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Mejlisinde dünýäniň onlarça döwletiniň parlamentleri bilen parlamentara dostluk toparlary hereket edýär. Türkmenistanyň Mejlisi parlamentara assambleýalaryň birnäçesiniň işine işjeň gatnaşýar. Türkmenistanyň Mejlisi dünýäniň abraýly parlamentara guramalary bolan ÝHHG-nyň Parlament Assambleýasynyň we Parlamentara Bileleşiginiň agzasydyr.

**Aýna NURÝAGDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň bölüm müdiri.*

## Britan işewüri futbol toparyny satyn alar

Beýik Britaniýanyň «Ineos» himiýa kompaniýasynyň ýolbaşçysy, britan milliarderi Jim Retkliff «Mançester Ýunaýted» iňlis toparyny satyn almagy meýilleşdirýär. Milliarder futbol toparynyň satuw işlerini



amala aşyrýan banka ilkinji bolup resmi taýdan hasaba durdy. Topary satyn aljak dalaşgärleriň arasyndaky söwda fewral aýynda başlar. Möwsümiň ahyrynda toparyň täze eýesi belli bolar. Retkliff häzirki wagtda Fransiýanyň «Nissa» futbol toparynyň hem eýesidir. «Forbes» žurnalynyň maglumatyna görä, onuň baýlygy 15,5 milliard dollara deňdir.

**Kadambaý ABDULLAÝEW,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby.*

## Bilelikde elektrikli awtobus öndüriler

Russiýa bilen Hytaý Halk Respublikasy bilelikde elektrik togy bilen işleýän awtobus öndürmegi maksat edinýär. Russiýanyň Irkutsk oblastynyň ösüş korporasiýasy bilen Çunsin korporasiýasynyň bilelikde döretjek «Çunsin Mamont Brend-Menejment» kompaniýasy täze önümçilik taslamasynyň üstünde işleýär. Bu babatda 2022-nji ýylda geçirilen ykdysady forumda degişli ylalaşyk gazanylypdy. Taraplar 2025-nji ýylda bu taslamany durmuşa geçirmegi göz öňünde tutýar.



Taslamanyň çäklerinde hytaýly öndürijileriň tehnologiýasy ulanylyp, elektrikli awtobuslaryň ýygnalmagy meýilleşdirilýär. Soňlugy bilen şeýle ulaglar üçin zarýad mümkinçiligi göz öňünde tutulýar.

**Çynar AKWELIÝEWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby.*

## Motosikli bilen dünýäni aýlanýar

Jess Stoun Mopksi atly iti 9 aýdan bäri dünýäni aýlanýar. Ol motosikli bilen köp ýurtda bolup gördi. Kanadada doglan Jess motosikl sürmegi ýanýoldaşy Gregden öwrendi. Oňa bu syýahatynda ýanýoldaşy hem ýoldaşlyk edýär.



Häzirki wagtda Jess Los-Anjelesde bolup, nobatdaky syýahatyna taýýarlanýar. Ol Latyn Amerikadan Afrika, Müsürden Gresiýa, şeýle hem Ýewropadan Türkiýä we Merkezi Aziýa ýurtlaryna çenli syýahat etmegi meýilleşdirýär.

**Abdulla GURBANMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Saud kompaniýasy maýadar bolar

Fransiýanyň «Renault» bilen Hytaýyň «Geely» kompaniýalary gibrid tehnologiýalary we ekologiýa taýdan arassa hereketlendirijileri işläp düzmek üçin Saud Arabystanynyň «Saudi Aramco» nebit kompaniýasyny maýadar we hyzmatdaş hökmünde çekmek isleýär.



«Saudi Aramco» nebit kompaniýasynyň täze dörediljek bilelikdäki kompaniýanyň 20 göterim paýnamalaryna eýe bolmagyna garaşylýar. Saud kompaniýasy sintetiki ýangyç we wodorod tehnologiýalaryny işläp düzer. Täze kompaniýa bilen her ýyl 5 million gibrid we ekologiýa taýdan arassa hereketlendirijileri öndürmek meýilleşdirilýär. Bu kompaniýa 19 müň işgär çekmek göz öňünde tutulýar.

**Ýusup AKMYRADOW,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby.*

# ÝANGYN HOWPSUZLYK DÜZGÜNLERINI BERJAÝ EDELIŇ!

Mälim bolşy ýaly, emele gelýän ýangynlaryň aglabasy raýatlaryň ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini bozýandyklary zerarly ýüze çykýar. Döräp biljek ýangynyň öňüni almak üçin ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini wagtynda pugta berjaý etmeli. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Ýangyn howpsuzlygy gullugy ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini dogry berjaý etmek we ýangyn hadysasy ýüze çykanda onuň garşysyna göreşmek üçin şulary maslahat berýär.

Ýaşaýyş jaýlaryň, ulaghanalaryň daş-töweregi hemişe arassa saklanyp, zir-zibiller wagtynda çäkden çykarylmalydyr. Ýaşaýyş jaýlaryň çäklerindäki geçelgeleri, girelgeleri, howlynyň içini, binadyr desgalaryň ýangyna garşy araçäklerini, jaýlaryň daşarky halas ediş basgançaklaryna, ýangyna garşy suw howuzlaryna barylýan ýollary baglap, geçmäge päsgelçilik döretmek, gurluşyk-gurnama işlerini geçirmek, binadyr desgalaryň ýangyna garşy araçäklerinde, boşluklarynda ýanýan materiallary basyp goýmak, açyk meýdanda, howly-




nyň çäginde ýeňil ýanyjy suwuklyklaryň hem-de ýanyjy gazly, kislorodly ballonlary saklamak, jaýlaryň, howlynyň we gurluşyklaryň töwereklerinde ot ýakmak hem-de söndürilmedik közli külleri dökmek gadagan edilýär.

Ýaşaýyş jaýlarynyň üçeklerinde we ýerzemin otaglarynda ýanyjy öý goşlaryny we beýleki hojalyk hajatlary üçin ulanylýan zatlary saklamak, girelge gapylaryny, penjirelerini we beýleki howa girýän ýerlerini açyk görnüşde saklamak, kerosin bilen işleýän çyralary, şemleri, ýeňil ýanyjy suwuklyklar siňdirilen fakelleri, otluçöpi ulanmak, wagtlaýyn elektrik geçirijileri, elektrik ýagtylandyryjy çyralary aýna gorag örtüksiz ulanmak, alýumin sütünli simleriň açyk görnüşde geçirilmegi we ulanylmagy, ýeňil ýanyjy suwuklyklary saklamak gadagan edilýär.

Ýurdumyzyň her bir ýaşaýjysy ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny berjaý etmäge borçludyr!

Janymyza we saglygymyza howp salýan, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine maddy zyýan ýetirýän gözegçiliksiz otdan seresap bolalyň!

**Ylhas MIRIÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň bölümçe müdiri-uly gözegçisi, içerki gullugyň kapitany.*

## Zarýad beketlerini gurar

Dünýäniň iri nebit kompaniýasy bolan «Shell»-iň ABŞ-daky bölümi elektroulaglara zarýad beriji beketleri bolan «Volta»-ny satyn alar. Şertnamanyň bahasynyň 169 million dollardygy mälim edildi. Eýeçiligiň şu ýylyň birinji ýarymynda üýtgejekdigi habar berildi.



«Volta» öz girdejisini mahabatdan alyp, müşderilere tölegsiz hyzmaty hödürleýär. Kompaniýanyň zarýad beketleri söwda merkezleriniň ýanynda ýerleşýär.

Soňky wagtlarda energiýa pudagynda iş alyp barýan ähli kompaniýalaryň hemmesi diýen ýaly elektroulaglara, zarýad beriji ulgamlara maýa goýum goýýar. BP, «Total» we EDF ýaly kompaniýalar hem mundan ozal bu ugurda maýa goýum özleşdiripdi.

«Volta» kompaniýasynyň zarýad beketlerinde äpet ekran bolup, bu ýerde dürli mahabatlar ýerleşdirilýär. Bu ekranda reklama berijiler elektroulag sürüjilerine niýetlenen mahabatlary ýerleşdirýärler. Şeýlelikde, kompaniýa mahabatdan alan girdejisiniň bir bölegini tölegsiz hyzmat hödürlemek arkaly maliýeleşdirýär.

**Gözeljemal AGABAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallym-öwrenijisi.*

## Isleg ýokarlanar

Halkara Energiýa Agentligi (IEA) nebite bolan global islegiň ýokarlanjakdygyny mälim etdi. Üstümizdäki ýylda bu önüme bolan isleg dünýäde gündelik 1 million 870 müň barrel artyp, jemi 101 million 720 müň boljakdygy çaklanylýar. Dünýäniň nebit bazary barada ýaýradylan maglumatda Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasy sebitinde nebitiň sarp edilişi geçen ýyldakydan gündelik 470 müň barrel artyp, 46 million 420 müň, beýleki ýurtlarda bolsa, 1 million 400 müň barrel artyp, 55 million 300 müň barrel bolmagyna garaşylýar. Nebite bolan islegiň ýarysyna golaýynyň



diňe Hytaýa degişli bolmagyna garaşylýar. Şeýle hem maglumatda nebitiň gündelik önümçiliginiň geçen aý ozalky aýdakydan 860 müň barrel azalyp, 101 million 10 müň barrele düşendigi mälim edildi. OPEC-iň gündelik çig nebit önümçiligi 2022-nji ýylyň dekabrynda ozalky aýdaka garanyňda 40 müň barrel azalyp, 29 million 19 müň barrel bolupdyr. Şeýlelikde, OPEC-iň gündelik nebit önümçiligi geçen aý 34 million 480 müň barrel boldy. OPEC-den beýleki ýurtlaryň gündelik nebit önümçiligi bolsa degişli döwürde ozalky aýa görä, 780 müň barrel azalyp, 66 million 520 müň barrel bolupdyr.

**Akgözel SUWLYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## Dünýäniň iň gymmat brendleri

Brendlere baha berýän «Brand Finance» dünýäniň iň gymmatly kompaniýalarynyň täze sanawyny mälim etdi. 500 brendiň arasynda köp ýyldan bäri öňdeligi eýeläp gelýän «Apple» ikinji orna düşüpdir. Sanawyň başyna geçen «Amazon»-yň bazar nyrhynyň 299,3 milliard dollara ýetendigi, ikinji orundaky «Apple»-iň bazar nyrhynyň 297,5 milliard dollardygy mälim edildi. «Google» (281,4 milliard dollar) üçünji, «Microsoft» (191,6 milliard dollar) dördünji boldy.



«Global 500» atly sanawa amerikan kompaniýalarynyň 201-i giripdir. Kompaniýa sany babatda ikinji ýerdäki Hytaýdan 71 brend orun alypdyr. Ýaponiýadan 32, Fransiýadan 31, Angliýadan 25, Germaniýadan 24 kompaniýa sanawa giripdir.

Bölek söwda pudagynda iş alyp barýan «Walmart» kompaniýasy sanawyň bäşinji ornunda ýerleşip, bazar nyrhy 113,8 milliard dollara ýetýär. Sanawyň ilkinji onlugyna Koreýanyň tehnologiýa ägirdi «Samsung» (99,7 milliard dollar), Hytaýyň Senagat we täjirçilik banky - ICBC (69,5 milliard dollar), ABŞ-nyň «Verizon» telekommunikasiýa kompaniýasy (67,4 milliard dollar), «Tesla» (66,2 milliard dollar) we «TikTok» (65,7 milliard dollar) giripdir.

**Kerim MUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## Syýahatçylyk pudagy 64 göterim dikeldi

Birleşen Milletler Guramasynyň Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy pudaga degişli maglumatlary ýaýratdy. Syýahatçylyk pudagy geçen ýyl 2021-nji ýyldakydan iki esse ösüpdir. Şeýlelikde, 2022-nji ýylda 900 milliondan gowrak adam syýahat edipdir. Bu bolsa pandemiýadan ozalky döwürdäki ýagdaýyň 64 göterimine gabat gelýär. Merkezi edarasy Ispaniýanyň Madrid şäherinde ýerleşýän bu gurama dünýäniň ähli sebitinde syýahatçylaryň sanynyň artýandygyny habar berýär. Maglumatlara görä, pandemiýadan ozal (2019-njy ýylda) 1,5 milliard adam syýahat edipdir. Ýakyn Gündogar 2019-njy ýyldaky derejäniň 83 göterimine ýetip, iň ýokary ösüş gazanylan sebit boldy. Geçen ýyl 585 million syýahatçy kabul eden Ýewropada bolsa bu görkeziji 80 göterim bolupdyr.



Bu görkeziji Afrikada we Amerikada 65 göterim, Aziýada we Ýuwaş ummany sebitinde 23 göterim derejesinde galypdyr. Ýaýradylan maglumatda 2023-nji ýylda syýahatçylaryň has gysga aralyga syýahat etmegine garaşylýar. Bilermenler üstümizdäki ýyl syýahatçy sany babatda 2019-njy ýyldakynyň 80-95 göterimine ýetiljekdigini çaklaýarlar.

**Leýli ALEKOWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby.*

## Efiopiýada Gün energiýa bekedi gurlar

Birleşen Arap Emirlikleri (BAE) bilen Efiopiýa Gün elektrik bekedini gurmak üçin şertnama baglaşdylar. Hyzmatdaşlygyň çäklerinde önümçilik kuwwaty 500 megawat boljak energiýa bekedi gurlar.



Golaýda Efiopiýanyň Hökümet Başlygy Abiý Ahmed Ali resmi sapar bilen Birleşen Arap Emirliklerinde bolup, ýurduň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşdy. Iki ýurduň ýokary derejeli ýolbaşçylarynyň arasynda birnäçe ugurlarda hyzmatdaşlyk etmek boýunça ylalaşyk gazanyldy. Olaryň arasynda energiýa pudagy hem orun alyp, BAE-niň «Masdar» kompaniýasynyň Efiopiýada Gün bekedini gurmagy üçin şertnama baglaşyldy.

**Oguljan ATAÝEWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby.*

## Syýahatçylar saýlady: iň meşhur ýerler

«Tripadvisor» onlaýn syýahatçylyk kompaniýasy ýylyň iň meşhur ýerleriniň sanawyny mälim etdi. Syýahatçylaryň ses bermegi bilen dünýäniň iň halanýan ýerleriniň atlary mälim edildi. Sanaw 2021-nji ýylyň noýabryndan 2022-nji ýylyň oktýabry aralygynda, 12 aýyň dowamynda syýahatçylaryň myhmanhana, restoran we güýmenje ýerleri üçin beren bahalary göz öňünde tutulyp taýýarlandy.



Dünýäniň iň meşhur ýerleriniň arasynda Dubaý (BAE), Bali (Indoneziýa), London (Angliýa), Rim (Italiýa) we Pariž (Fransiýa) öňdäki orunlary eýeleýär. Kankun (Meksika), Krit (Gresiýa), Marrakeş (Marokko), Dominikan Respublikasy we Stambul (Türkiýe) ilkinji onluga giripdir. Sanawa 25 ýer girizilipdir.

**Mahym GAITNAZAROWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby.*

## Ýyldyrymyň ugruny üýtgetdiler

Şweýsariýada geçirilen synagda hünärmenler ýyldyrymyň ugruny üýtgetmegi we düşmeginiň öňüni almagy başardylar. Munuň üçin lazer tehnologiýasyndan peýdalanyldy. Hünärmenler bu açyşyň howa hadysalarynyň öňüni almakda peýdalanyp bilinjekdigini belleýärler.




Synag ýurduň demirgazyk-gündogaryndaky Santis dagynda ýerleşýän «Swisscom» antennaly diňinde amala aşyryldy. Hünärmenler bu açyşyň Benžamin Frankliniň XVIII asyryň ortalarynda metalyň geçiriji häsiýetini anyklamagyndan bäri iň uly açyşdygyny belleýärler.

Synagda alty sagadyň dowamynda lazer ulgamy dört ýyldyrymyň düşmeginiň öňüni aldy. Ýokary tolkundaky lazer şöhleleriniň 60 metr beýiklige ýetýändigi hasaba alyndy.

**Batyr ANNAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## BILDIRIŞLER

Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan 07.09.2020ý. Şirmyrat Begmyradowa berlen 0345772 belgili Hususy telekeçiniň bellige alyş şahadatnamasynyň ýitirilendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

* * *

Köpetdag etraby boýunça döwlet salgyt gullugy tarapyndan 07.09.2020ý. Şirmyrat Begmyradowa berlen 0243005 belgili Şahsy tarapyň salgyt hasabyna goýlandygy hakynda şahadatnamanyň ýitirilendigi sebäpli, ony güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

## Gardan energiýa öndüriler

Ýaponiýa gyşyna köp ygal düşýän ýerleriň biri hasaplanýar. Ýurduň dag gerişlerine adam boýundan hem galyň gar ýagýan pursatlary bolýar. Tehnologiýa babatda ösen ýurtda gardan energiýa almak öwreniler. Aomori şäherinde ýörite iş ulaglary bilen toplanan gar deňze guýulýar. Ýollary we beýleki ýerleri gardan arassalamak üçin her ýylda millionlarça ýen pul sarp edilýär. Tokiodaky Elektroaragatnaşyk uniwersitetiniň hem-de «Forte Co.» kompaniýasynyň hünärmenleri gardan peýdalanyp, energiýa öndürmek üçin hyzmatdaşlygy ýola goýdy. Synag maksady bilen howuzda ýygnalan gar bilen onuň töweregindäki temperatura tapawudyndan peýdalanyp, elektrik energiýasyny öndürmek göz öňünde tutulýar. Meýilnama görä, basylyp goýlan gar bilen sowadylan suwuklyk daşarky howanyň ýylylygy netijesinde bugarar. Netijede öndürilen energiýa bilen turbina herekete getiriler. Taslamanyň çäklerinde toplanan garyň sowuklygyny saklamagy üçin howzuň içi



ýylylyk geçirmeýän material bilen örtüler. Elektrik energiýasynyň önümçiligi bahar aýynyň gelmegi bilen ýola goýlar. Kompaniýanyň wekili Kasai Jun bu usulyň köp gar ýagýan ýerlere mahsus arassa energiýa çeşmesi boljakdygyny belleýär.

**Şatlyk BEGMYRADOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Ilaty ilkinji gezek azaldy

Dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hytaýyň ilaty altmyş ýyldan soň ilkinji gezek azaldy. Hytaýyň Milli statistika edarasy 2022-nji ýylyň ahyryndaky maglumata görä, ilatyň 850 müň azalandygyny habar berdi.

Şoňa laýyklykda, ýurduň ilaty 1 milliard 411 million bolupdyr. 2021-nji ýylda tebigy köpeliş derejesi müňden 7,52 bolsa-da, bu dereje 2022-nji ýylda 6,77-ä düşüpdir. Bilermenler Hytaýyň ilatynyň 2050-nji ýyla çenli 109 million adam azaljakdygyny çaklaýarlar.

Ýakyn geljekde Hindistanyň Hytaýdan ozdurup, dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolmagyna garaşylýar. Bu iki Aziýa ýurdunyň ilaty dünýä ilatynyň üçden birinden gowragyny emele getirýär.



Hindistanyň ilaty 1947-nji ýyldan bäri milliarddan gowrak köpelipdir. Ýurtda ýaşaýjylaryň girdejisiniň artmagynyň, saglygy goraýyş we bilime elýeterliligiň gowulanmagynyň ilatyň artmagyna sebäp bolýandygy bellenilýär. Şu ýylyň aprelinde Hindistanyň dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolmagyna garaşylýar.

**Sahyt MYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 20-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110934

Belgisi: 3/1517
Tiražy: 6476
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# MILLI KANUNÇYLYGYŇ DABARALANMASY

*Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň ilkinji günlerinde Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzdaky Maslahatlar merkeziniň binasynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň bilelikdäki maslahatyny geçirdi. Onda milli parlamentiň öňünde durýan wezipelere garaldy hem-de Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz türkmen döwletiniň ösüşiniň nobatdaky tapgyrynda kanun çykaryjylyk işini mundan beýläk-de döwrüň talabyna laýyk derejede kämilleşdirmek bilen baglanyşykly wajyp wezipeler kesgitlenildi.*

Ýurdumyzyň içeri hem-de daşary syýasatyny wagyz etmekde, jemgyýetiň demokratik esaslaryny, halkymyzyň agzybirligini pugtalandyrmakda milli parlamentiň wekilleriniň alyp barýan işlerine möhüm orun degişli bolup durýar. Häzirki döwürde Halk Maslahatynyň agzalary, Mejlisiň deputatlary syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri bilen bilelikde öňde durýan wezipeleriň amal edilmegine mynasyp goşant goşýarlar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň ösüşi ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyny mazmun taýdan kämilleşdirmäge, demokratik edaralaryň işine häzirki zaman ölçeglerini we kadalaryny ornaşdyrmaga, döwletiň kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmaga, adamyň döredijilik mümkinçiligini açmaga, raýatlaryň hukuklaryny we azatlygyny üpjün etmek üçin zerur şertleri döretmäge gönükdirilen özgertmeler bilen häsiýetlendirilýär. Ösüşiň täze tapgyryna gadam basmagy bilen, Diýarymyzyň ykdysady kuwwatyny, ilatymyzyň durmuş taýdan goraglylygyny mundan beýläk-de berkitmäge, ylym-bilimi, medeniýeti dünýä derejesine ýetirmek üçin Garaşsyzlyk ýyllarynda gazanylan oňyn tejribeleri netijeli peýdalanmaga giň mümkinçilik döredi.

Ata Watanymyzyň döwlet häkimiýet edaralarynyň ulgamy döwre görä yzygiderli kämilleşdirilýär. Gahryman Arkadagymyz bu işleriň şöhratly ata-babalarymyzyň döwleti berkarar etmekde hem-de dolandyrmakda toplan baý tejribesiniň, öňdebaryjy dünýä döwletleriniň şu ugurda gazanan üstünlikleriniň göz öňünde tutulyp amala aşyrylýandygyny belleýär. Bu bolsa adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny, şol sanda raýatlaryň döwleti we jemgyýeti dolandyrmaga bolan hukugyny kepillendirmäge mümkinçilik berýär. Jemgyýetde asudalygy hem-de agzybirligi üpjün etmäge, halk häkimiýetiniň, demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň esaslaryny berkitmäge, hemmetaraplaýyn ösmegini üpjün etmäge oňaýly şertler döredilýär.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň kanun çykaryjy häkimiýet edarasynyň gurluşyny yzygiderli kämilleşdirmegiň zerurlygyny hemmetaraplaýyn nazara alyp, ata-babalarymyzyň ygtyýarly jemgyýetçilik wekilleri bilen ählihalk maslahatlaryny geçirip, iň wajyp syýasy, ykdysady, harby meseleleri çözmek baradaky asylly däplerinden ugur alyp, Gahryman Arkadagymyz halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasyny, ýagny Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek baradaky teklibi öňe sürdi.

Halk Maslahatynyň döredilmegi agzybir halkymyzyň öz gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan döwlet gurluşy babatda toplan dünýä nusgalyk tejribelerini iş ýüzünde durmuşa geçirmäge giň mümkinçilik berer. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr!» diýen şygarynyň durmuş hakykatyna öwrülýändigini aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Halkyň bähbidine hyzmat edýän ýokary wekilçilikli edaranyň döredilmegi ýurdumyzy ykdysady taýdan has kuwwatly döwlete öwürmekde, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de gowulandyrmakda möhüm ähmiýete eýe bolar.



Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti, Mejlisiň Başlygy, Ýokary kazyýetiň başlygy, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, Mejlisiň deputatlary, Ministrler Kabinetiniň agzalary, Adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekil – Adalatçy, Baş prokuror, adalat ministri, welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimleri, welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň halk maslahatlarynyň başlyklary, etraplaryň edara ediş merkezleri bolup durýan şäherleriň hem-de şäherçeleriň arçynlary, syýasy partiýalaryň, kärdeşler arkalaşyklarynyň we beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary tarapyndan teklip edilýän jemgyýetçiligiň, şol sanda ýaşulularyň wekilleri girizilýär.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Karary esasynda degişli konstitusion toparyň döredilmegi, onuň düzüminiň tassyklanylmagy işleriň ýokary guramaçylykly alnyp barylmagyna şert döreder. Konstitusion toparyň ýanynda Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler girizmek boýunça gelip gowşan teklipleri öwrenmek hem-de umumylaşdyrmak barada iş topary hem döredildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna giriziljek üýtgetmeler we goşmaçalar kanun çykaryjylygyň esasy çeşmesi bolmak bilen, dürli ulgamlarda hereket edýän kanunlaryň kämilleşdirilmeginde we döwrebaplaşdyrylmagynda esasy orny eýelär. Bu üýtgetmeler we goşmaçalar häzirki döwrüň ygtybarly hukuk binýady bolmak bilen, Bitarap Watanymyzyň abraýyny has-da artdyrar hem-de pugtalandyrar.

Halk Maslahatynyň mejlisleri zerurlyga görä, ýöne ýylda azyndan bir gezek onuň Başlygy tarapyndan ýa-da Halk Maslahatynyň agzalarynyň umumy sanynyň üçden bir böleginiň teklibi boýunça çagyrylýar. Berkarar Watanymyz bu gün beýik ösüşleri başdan geçirýär. Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda döwlet we milli maksatnamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde obalarymyz, şäher we şäherçelerimiz özgerýär. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi ýokarlanýar, halk hojalygynyň dürli ulgamlarynda uly sepgitlere ýetilýär. Halkyň bähbidine wekilçilik edýän Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek boýunça taryhy başlangyçlaryň ähmiýetini giň köpçülige düşündirmek köpçülikleýin alnyp barylýar. Şonuň netijesinde hem demokratik özgertmeleriň ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny düýpli ýokarlandyrjakdygy, jemgyýetimizi jebisleşdirjekdigi, raýatlarymyza has bolelin, eşretli durmuşda ýaşamak üçin giň ýollary açjakdygy bilen bagly wagyz-nesihat işleri geçirilýär.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň, syýasy partiýalaryňdyr jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleriniň bilelikde geçirjek duşuşyklarynyň, çäreleriniň meýilnamasyna laýyklykda şu günler alnyp barylýan işlere Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň welaýat birleşmesiniň wekilleri hem işjeň gatnaşýarlar. Ilat arasynda geçirilýän duşuşyklarda Gahryman Arkadagymyzyň bilelikdäki maslahatda eden taryhy çykyşynyň ähmiýeti, öňde duran möhüm wezipeler barada düşündiriş işleri geçirilýär, pikir alşylýar.

Pursatdan peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň janynyň sag, başynyň dik, ýurdumyzyň geljegi üçin alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

**Gülbahar HUDAÝKULYÝEWA,**
*«Daşoguzpoçta» welaýat kärhanasynyň poçta işini guraýyş we logistika bölüminiň hünärmeni, ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy, Kärdeşler arkalaşyklarynyň işjeň agzasy.*

# «EKSPO» sergileri: hyzmatdaşlygyň täze mümkinçilikleri

Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek ugrunda ägirt uly işler amala aşyrylýar. Olar erkin ykdysady zolaklary döretmek we ösdürmekde işlenip taýýarlanylan döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine gönükdirildi. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, dünýä hojalyk gatnaşyklaryna goşulyşmak okgunly ykdysady ösüşiň möhüm şertleriniň biri bolup durýar.

Köp ýyldan bäri tutuş dünýäniň ykdysady jemgyýetçiligini gyzyklandyryp gelýän Bütindünýä sergilerine gatnaşmak ýurdumyzda asylly däbe öwrüldi. Ine, ýene-de sanlyja ýyllardan biziň Aziýa-Ýuwaş ummanyndaky esasy hyzmatdaşymyz Ýaponiýa döwletinde Bütindünýä sergisi geçiriler.

Ýurdumyzyň Ýaponiýanyň Osaka şäherinde



emeli usulda döredilen Ýumesima adasynda «Biz ýaşaýşymyz üçin geljegiň jemgyýetini döredýäris» şygary astynda geçiriljek «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisine gatnaşmagy meýilleşdirilýär.

Ýurdumyzyň «EKSPO – 2025» Bütindünýä gözden geçirilişine gatnaşmagy bu ählumumy ýagdaýa öz goşandyny goşmak bilen birlikde, eksport mümkinçiliklerini görkezmek, gyzyklanma bildirýän taraplaryň ählisi bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin täze gözýetimleri açýar.

Türkmenistan «EKSPO» sergilerine öň hem birnäçe gezek gatnaşdy, soňky gezek bolsa, Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde geçirilýän sergide ýurdumyzyň gazanan üstünlikleri görkezildi.

Ýaponiýanyň Osaka şäherinde geçiriljek «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisiniň geçiriljek wagty belli boldy. Bütindünýä sergisi Osaka aýlagyndaky Ýumesima adasynda 2025-nji ýylyň 13-nji apreli – 13-nji oktýabry aralygynda geçiriler. Bütindünýä sergisiniň binalaryny gurmak üçin 125 milliard ýen (1,1 milliard dollar) serişde göz öňünde tutulýar. Osaka şäheri EKSPO sergisini 1970-nji ýylda hem kabul edipdi. Dünýäniň 170 döwletinden wekilçilik edijek sergä 28 milliondan gowrak myhmanyň baryp görmegine garaşylýar.

Ýaponiýanyň Osaka şäherinde geçiriljek Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň milli pawilýony «Durmuş mümkinçiliklerini giňeltmek» atly bölümde ýerleşdiriler. Sergidäki Türkmenistanyň pawilýonyny ýene-de 5 ýyl ulanmak göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiziň ykdysady strategiýasyna laýyklykda, milli ykdysadyýetimizi senagatlaşdyrmaga, dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply önümçilikleri döretmekde hem-de ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny berkitmekde ulgamlaýyn düzümleriň döredilmegine uly üns berilýär. Şonuň üçin dürli önümçilikler ýola goýulýar.

«Türkmenistanda öndürilen» atly milli nyşanly önümleri dünýä bazarynda giňden mahabatlandyrmakda Bütindünýä sergilerine uly orun degişlidir.

**Aýsona NURMURADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# NEBITGAZ TOPLUMY: täze taslamalar we giň mümkinçilikler

*Türkmenistan ýangyç-energetika toplumyny giňden ösdürmäge we onuň halkara energetika ulgamyna çalt depginler bilen goşulyşmagyna gönükdirilen energetika syýasatyny yzygiderli we ynamly amala aşyrmagyny dowam edýär.*

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösmegi we onuň mundan beýläk-de rowaçlanmagy üçin nebitgaz senagatynyň kuwwatyndan netijeli peýdalanmak hormatly Prezidentimiziň yzygiderli durmuşa geçirýän syýasatynyň möhüm ugrudyr. Türkmenistan ýangyç serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna eýedir. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz degişli düzümi döretmegiň hasabyna energetika ulgamynda uzak möhletli durnuklylygy gazanmak, sarp edijileriň ykdysady taýdan amatly, ekologiýa taýdan arassa energiýa serişdelerine giň elýeterliligini üpjün etmek üçin Ýewropanyň we Aziýanyň energetika bazarlaryny ýakynlaşdyrmak pikirini yzygiderli öňe sürýär.

Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, dürli önümçilikleri we zawodlary gurmak göz öňünde tutulýar. Bularyň ählisi ykdysadyýetiň innowasion ugruny berkitmäge, eksport ulgamynda ýokary goşmaça bahaly önümleriň paýyny artdyrmaga mümkinçilik berer.

Şeýle hem ýurdumyz harytlyk gazy saklamak üçin hem täzeçil taslamalaryň üstünde işleýär. Bu ugurda ilkinji gezek ýurdumyzda ýerasty desgalary gurmak göz öňünde tutulýar. Ýurdumyzda şeýle taslamany ilkinji gezek durmuşa geçirmegiň meýilleşdirilýändigini nazara alyp, bu işi halkara tejribä laýyklykda ýola goýmak we alyp barmak, onuň tehniki-ykdysady esaslandyrmasyny taýýarlamak, taslamalaşdyrmak, enjamlaşdyrmak hem-de gurmak babatda halkara maslahatçy kompaniýalary işe çekmek meýilleşdirilýär.



Häzirki wagtda Türkmenistan tebigy gazy Hytaýa, Russiýa eksport edýär, şeýle hem Eýranyň üsti bilen Azerbaýjana swop gaz ibermelerini ýerine ýetirýär. Mundan başga-da, Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygynyň taslamasy durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň tebigy eksportunyň durnuklylygyny üpjün etmek üçin ýerasty desgalar uly ähmiýete eýedir. Tebigy gazy saklamak üçin ýerasty desgalar iri gaz geçirijileriniň ýa-da iri gaz sarp ediş merkezleriniň golaýynda gurulýar. Onuň maksady gaz sarp ediş mümkinçiliklerini gysga wagtda ýerine ýetirmekden ybaratdyr. Şeýle hem bu desgalar tebigy gazyň strategik goruny üpjün etmäge hem mümkinçilik berýär. Tutuş dünýäde 340 milliard kubmetr tebigy gazy saklamaga mümkinçilik berýän 600-den gowrak ýerasty desgalar bar. Gaz ammary gazy saklamak üçin ulanylýan geologiki gurluş ýa-da emeli gaz desgasydyr. Saklamagyň işi iki esasy parametr - göwrüm we kuwwatlyk bilen häsiýetlendirilýär. Umuman, ýurdumyzda hem şeýle desgalaryň gurulmagy daşary ýurt bazarlaryndaky sarp edijiler üçin tebigy gazy durnukly ibermäge giň şertleri döredýär.

Mundan başga-da, nebitgaz toplumynyň önümçilikleriniň kuwwatlylygy hem yzygiderli pugtalandyrylýar. Dürli nebit önümleriniň önümçiligine uly ähmiýet berilýär. Şeýle önümçilikleriň biri hem Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumydyr. Bu toplumda B-92 kysymly awiabenzin öndürilip başlandy. Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy hem-de Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezi tarapyndan bilelikde önümiň bu görnüşini öndürmek boýunça tehniki şertler işlenip taýýarlanyldy we degişli işler ýerine ýetirildi.

Häzirki wagtda TNGIZT-de awiasiýa üçin dürli görnüşli ýangyçlar öndürilýär, şol sanda – reaktiw hereketlendirijiler üçin TC-1 ýangyjy, «An-2» uçarlary üçin awiabenzin we Jet A-1 awiasion ýangyjy öndürilýär. Zawodda şeýle hem awtobenzinleriň dürli görnüşleri, kerosin, dizel ýangyjy, gämi ýangyjy, suwuklandyrylan gaz, nebit bitumy, nebit koksy, çalgy ýaglary öndürilýär.

**Çaryýar KERIMOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# Gurluşyk pudagynyň kuwwaty artýar

*Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna çykarmak baradaky öňdengörüjilikli syýasatyndan ugur alnyp, häzirki wagtda ýurdumyzda gurluşyk we senagat toplumlary tarapyndan döwrebap tehnologik enjamlar bilen üpjün edilen senagat kärhanalaryny gurmak, ozalky bar bolanlarynda düýpli abatlaýyş işlerini geçirmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar.*

Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlan «Bäherden», «Balkan», «Lebap» sement zawodlary, «Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanasy, Gazbeton öndürýän zawod, «Türkmenmermer» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, «Türkmen aýna önümleri» kärhanasy we durky täzelenip, döwrebap tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan, gurluşyk-gurnama önümlerini öndürýän kärhanalar, kuwwatly owradyjy-saýlaýjy enjamlar toplumlary bilen üpjün edilen kän müdirliklerdir hojalyklar, esasy tehnologik enjamlarynda hem-de ulgamlarynda dikeldiş, düýpli abatlaýyş işleri geçirilen Ýaşlyk keramzit zawody we başgalar senagat pudagynyň kuwwatyny has-da artdyrmaga amatly şertleri döredýär.

Gurluşyk materiallary pudagynda öndürilýän dürli görnüşli önümleriň, şol sanda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň möçberi mundan beýläk-de artdyrylar we pudagyň eksport mümkinçilikleri ýokarlandyrylar. Häzirki wagtda «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň senagat we kommunikasiýa toplumynyň pudaklaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek üçin ministrlik tarapyndan ähli zerur işler amala aşyrylýar.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, geljek ýedi ýylda 278,9 milliard manatdan gowrak maýa goýumlaryny özleşdirip, ýurdumyzyň önümçilik kuwwatyny has-da pugtalandyrmak göz öňünde tutulýar. Bu döwürde adam başyna düşýän ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdanyny 102,2 göterim artdyrmak, mek-



debe çenli ýaşly çagalar baglarynyň 40-syny, orta mekdepleriň 54-sini, täze 4 sany ýokary hünär bilim edarasyny, 10 sany döwrebap hassahanany, 7 sany medeniýet öýüni, 500-den gowrak täze önümçilik we durmuş maksatly binalardyr desgalary gurmak meýilleşdirilýär.

Şeýlelikde, häzirki döwürde gurluşyk pudagynda we senagatynda amala aşyrylýan özgertmeler has-da çuňlaşdyrylýar, pudagyň senagat-önümçilik kuwwatlyklary artdyrylýar, gurluşyk senagatynyň kuwwatyny artdyrmak üçin hususy eýeçiligiň gerimi düýpli giňeldilýär.

Türkmen telekeçileri il-ýurt bähbitli binalary gurmakda baý iş tejribesini topladylar. Hususy kärhanalardyr hojalyk jemgyýetleri tarapyndan ýurdumyzyň çar künjeginde medeni-durmuş maksatly binalardyr desgalar gurulýar. Bina gurmak özboluşly sungatdyr. Gurluşyk işleriniň inçe tilsimlerini bilýän telekeçiler şeýle sungatyň ussatlarydyr. Gurulýan binalarda döwrebap we milli äheňlere laýyk gelýän usullar, bezegler giňden ulanylýar. Türkmen telekeçilerine täze-täze gurluşyklar ynanylýar. Olardan, hususan-da, ýokary tizlikli Aşgabat–Türkmenabat awtobanynyň, Ahal welaýatynyň Arkadag şäheriniň binalarynyň, Aşgabat şäherindäki Gurtly ýaşaýyş toplumyndaky binalaryň gurluşyklaryny mysal getirmek bolar.

Ahal welaýatynyň Arkadag şäherinde binalaryň we desgalaryň 330-syny gurmak meýilleşdirilýär. Ol desgalaryň tutuş gurluşygynyň türkmen işewürlerine ynanylmagy aýratyn bellärliklidir.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary tarapyndan soňky ýyllarda binalardyr desgalaryň jemi ýüzden gowragy ulanylmaga berildi. Şol sanda ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň ýüzlerçesi ýaşaýjylar üçin gapylaryny giňden açdy. Uly ösüşlere we özgerişlere baý bolan geçen ýylda hem ýurdumyzda durmuş ähmiýetli desgalar yzygiderli ulanmaga berildi. Türkmen işewürleri tarapyndan bina edilýän ymaratlar şäherlerimizdir oba-kentlerimize özboluşly gözellik berýär. Telekeçilerimiz geçen ýyl dürli maksatly binalaryň birnäçesini ulanmaga berdiler. Täze ýylyň bosagasynda hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen gözel Aşgabadymyzyň günbatar künjeginde täze ýaşaýyş jaý toplumy ulanmaga berildi. Toplumda 4 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň 62-si guruldy, olar 3064 maşgala üçin niýetlenendir. Şol jaýlaryň türkmen işewürleri tarapyndan bina edilendigi bellenmäge mynasypdyr.

**Maksat ORAZOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Obasenagat toplumy ösdürilýär

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe önüm öndürijilere goldaw bermäge hem-de azyklyk önümleriň möçberini artdyrmaga gönükdirilen möhüm ähmiýetli kararlaryň birnäçesiniň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygy ýokarlanýar, içerki bazarlarymyzda haryt bolçulygy doly üpjün edilýär, daşary döwletlerden getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň ýeterlik möçberdäkisi öndürilip başlandy.

Tehnika, dökün, suw bilen üpjünçilik düýpgöter gowulandy. Ýerden peýdalanmak üçin iň pes nyrhlar kesgitlenildi, daýhanlar salgytdan doly boşadyldy. Ýerleriň uzakmöhletleýin paýlanylyp berilmegi daýhanlaryň çekýän zähmetleriniň soňky netijelerine bolan gyzyklanmalaryny artdyrdy. Milli baýlygymyz bolan «ak altynyň» her ýylda garaşylýan hasylynyň ýygnalmagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna uly goşant boldy.

Türkmenistan dünýäde iri önüm öndüriji we taýýar önümleri eksport ediji ýurt derejesinde tanalýar. Döwlet Baştutanymyzyň tagallasy bilen ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak boýunça



amala aşyrylýan işleriň netijesinde ýurdumyzyň eksport kuwwaty ösýär. Ykdysadyýetimizi düýpli diwersifikasiýalaşdyrmak, önümçilige innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny çaltlandyrmak, ýerli çig malyň esasynda işleýän önümçilikleri köpeltmek, şolaryň netijesinde içerki we daşarky bazarlarda bäsleşige ukyply önümleriň öndürilmegini üpjün etmäge gönükdirilen hojalyk mehanizmini kemala getirmek ýaly ugurlaryň ösüşi döwrüň talaplary bilen has sazlaşýar. Bu bolsa oňyn netijelere getirýär.

Ýurdumyzda bugdaý, pagta we gant şugundyryny öndürijilere döwlet tarapyndan goldaw berilmeginiň ýola goýlandygyny bellemek bolar. Olaryň önümçilik harajatlarynyň doly bahasynyň belli bir göterimi ýeňillikli bahadan berilýär.

Önüm öndürijiler bilen hasaplaşyklar öz wagtynda geçirilip, olaryň ýylboýy arman-ýadaman zähmet çekip gazanan girdejileriniň wagtynda berilmegi, oba hojalyk önümleriniň döwlet tarapyndan satyn alyş bahalarynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagy zähmete bolan höwesi has-da artdyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak, obasenagat toplumyny, şol sanda suw hojalygyny ösdürmek boýunça giň gerimli we tutumly işler ýaýbaňlandyrylýar. Şunda suw serişdelerini tygşytly ulanmak meselesi aýratyn orny eýeleýär.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeleriň çäklerinde suw hojalygy pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli pugtalandyrylýar, welaýatlarda täze suw desgalary ulanmaga berilýär. Bu möhüm işleriň durmuşa geçirilmegi obasenagat toplumynyň netijeli ösdürilmegine, ekinleriň bol hasyl bermegine ýardam berýär. Ýurdumyzyň dag eteklerinde sil suwlaryny ýygnamak üçin niýetlenen kiçi suw howdanlaryna hem uly ähmiýet berilýär.

Ýurdumyzyň oba hojalygyny hemmetaraplaýyn ösdürmekdäki ýadawsyz aladalary üçin, oba hojalyk önümlerini öndürijiler Arkadagly Serdarymyza alkyş aýdýarlar.

**Muhammet AGZAMOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# DÜNÝÄ HABARLARY

**gysga setirlerde**



► **Prezident saýlawlary geçiriler.** 2024-nji ýylyň 17-nji martynda Russiýada geçiriljek prezident saýlawlary häzirki döwlet Baştutany Wladimir Putiniň gatnaşmagynda geçiriler. Saýlaw kampaniýasyna taýýarlyk işleri häzirden başlandy. Bu barada prezident administrasiýasyna ýakyn çeşmeler «Kommersant» gazetine habar berdi.



► **Ilat sany ilkinji orna çykar.** BMG-niň çaklamalaryna görä, Hindistanyň ilat sany 14-nji aprelde Hytaýyňkydan artyp, birinji orna çykar. Hünärmenleriň çaklamalaryna görä, Hindistandaky ilatyň çalt köpelmegi 2050-nji ýyllara çenli dowam eder.



► **Owganystanda nebit çykarylar.** Owganystan Hytaý kompaniýasy bilen Amyderýa basseýninden nebit çykarmak barada şertnama baglaşdy. Bu şertnama 2021-nji ýylda Owganystanda häkimiýet üýtgänden soň daşary ýurt maýadarlary bilen ilkinji uly şertnamadyr. Ylalaşyga görä, kompaniýa demirgazykdaky welaýatlarda nebit çykarar.



► **«Toyota» öňdeligi eýeleýär.** Ýaponiýanyň «Toyota Motor» kompaniýasy üç ýyl bäri awtoulag satuwynda öňdeligi saklamagy başarýar. Muny «Toyota»-nyň esasy bäsdeşi «Volkswagen Group» nemes korporasiýasy tarapyndan neşir edilen maglumatlar subut edýär.



► **Ekologiýa taýdan arassa otly.** Hytaýyň Sinszýan welaýatynda «Chengdu» kärhanasynda wodorod bilen işleýän dünýäniň ilkinji otlusy öndürildi. Täze otlynyň tizligi sagatda 160 kilometre deň bolup, ol ýangyç bilen bir gezek doldurylanda 600 kilometr ýol geçýär. Ekologiýa taýdan arassa otly kömürturşy gazyny düýbünden bölüp çykarmaýar.



► **Ýylyň guşy.** Ispaniýanyň «SEO/BirdLife» Milli ornitologiýa jemgyýeti seýrek duş gelýän lun-montegýu atly guşuň sanynyň ýyl-ýyldan azalýandygyny nazara alyp, ony 2023-nji ýylyň guşy diýip yglan etdi. Esasan, Afrikada gyşlaýan bu ýyrtyjy guş, Pireneý ýarym adasynda ýazdan tomsuň ahyryna çenli açyk meýdanda gabat gelýär.



► **Ilkinji dolandyryjysyz barlag gämisi.** Hytaý dünýäde ilkinji doly awtomatlaşdyrylan ylmy-barlag gämisini ulanylyşa girizdi. «Çžuhaýýun» gämisi awtonom nawigasiýa ulgamy hem-de uzak aralykdan dolandyryş tehnologiýasy bilen enjamlaşdyryldy. 88,5 metr uzynlykdaky gäminiň ulgamlarynyň ählisini Hytaý özbaşdak işläp düzdi.



► **Has uzaga uçan guş.** Limosa atly guş Alýaskadan Awstraliýanyň Tasmaniýa ştatyna çenli 13 müň 560 kilometr aralygy ýere gonman uçup geçip, iň uzak uçuş üçin täze rekord goýdy. Rekord eýesiniň arkasyna berkidilen hemra enjamynyň maglumatlaryna görä, uçuş 11 gün bir sagat dowam etdi.

► **Sensor ekranly ilkinji noutbugy.** «Apple» kompaniýasy özüniň ilkinji sensor ekranly noutbugyny işläp taýýarlaýar. «Bloomberg»-iň maglumatlaryna görä, «Apple»-iň hünärmenleri kompaniýanyň täze önüme çynlakaý garaýşyny görkezýän bu taslamanyň üstünde çynlakaý iş alyp barýarlar.



# Ikinji tapgyry geçiriler

**Çehiýada 13-14-nji ýanwarda geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyryndan soň, Petr Pawel we Çehiýanyň öňki Premýer-ministri, ANO syýasy hereketiniň lideri Andreý Babiş ikinji tapgyra çykdylar. Saýlawlaryň ikinji tapgyry 27-28-nji ýanwarda geçiriler.**

Saýlawda Paweliň 35,39% sese, Babişiň 35% sese eýe bolandygy mälim edildi. Şeýlelikde, NATO-nyň harby komitetiniň öňki başlygy Petr Pawel Çehiýada geçirilen prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda köp sese eýe boldy. Birinji tapgyrda ýeňiş gazanmak üçin dalaşgäriň azyndan 50%-iniň ses almagy esasy şertleriň biri bolup, dalaşgärleriň hiç biri bu sepgide ýetip bilmese, iň köp ses alan iki dalaşgäriň arasynda ikinji gezek saýlaw geçirilýär. Birinji tapgyrda saýlawlara gatnaşanlaryň sany 68,24%-e deň boldy.

Takmynan 10,6 million ilaty bolan ýurtda 8,3 million saýlawçynyň ses bermäge hukugy bolup, 14 müň 857 saýlaw uçastogy döredildi. Häzirki saýlawlar Çehiýanyň taryhynda döwlet Baştutanynyň üçünji göni we umumy saýlawlarydyr. Bu görnüşdäki saýlawlar ilkinji gezek 2013-nji ýylda geçirildi. Ondan öň prezident parlament tarapyndan saýlanýardy.

Häzirki prezident Milos Zemanyň ygtyýarlyklary mart aýynda gutarar. Ol bu



wezipäni 2013-nji ýyldan bäri eýeläp gelýär. Zeman saýlawlarda iki gezek ýeňiş gazandy. Konstitusiýa oňa gaýtadan saýlanmaga ygtyýar bermeýär. Oňa parlamentiň agzalaryny teklip etmek, parlamenti ýatyrmak, kanunlara weto bermek ýaly aýratyn ygtyýarlyklar berilýär. Şeýle hem ol Çehiýanyň Premýer-ministrini we hökümetiň agzalaryny belleýär.

Petr Pawel 1961-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Çehiýanyň günbataryndaky Plana şäherinde harby maşgalada dünýä inýär. Harby ugurdan bilim alan Petr Pawel birnäçe daşary ýurt dilini bilýär. Pawel liberal bolup, Ýewropany goldaýan syýasatçylaryň biridir. Ol Çehiýanyň Ýewropa Bileleşigine agzalygynyň öz ýurdy üçin zerur we peýdalydygyny öňe sürýär.

Slowak milletinden bolan Andreý Babiş 1954-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Bratislawada ozalky Çehoslowakiýanyň daşary söwda guramasynyň ýokary derejeli işgäriniň maşgalasynda dünýä inýär. Ol Bratislawadaky Ykdysadyýet uniwersitetiniň daşary söwda bölümini tamamlap, 1989-njy ýylda Pragada işläp başlady. Transmilli agroholdingiň eýesi Andreý Babiş Çehiýanyň iň gurply raýatlarynyň biri bolup, baýlygy 75 milliard kron (takmynan 3,5 milliard dollar) diýlip çaklanylýar. Ol 2014-nji ýylyň ýanwar aýyndan 2017-nji ýylyň maý aýyna çenli maliýe ministri we çeh hökümetiniň başlygynyň birinji orunbasary boldy. Babiş 2017-nji ýylyň dekabryndan 2021-nji ýylyň dekabry aralygynda Çehiýanyň Ministrler Kabinetine başlyklyk etdi.



# Prezidentiň wezipesini ýerine ýetirer

Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň wise-prezidenti Wo Thi An Suan ýurtda täze prezident saýlanýança döwlet Baştutany wezipesine bellendi. Bu barada Milli mejlisiň (bir palataly mejlis) başlygy Wuong Din Hýue mälim etdi. Mundan öň ýurduň öňki döwlet Baştutany Nguen Suan Fuk wezipesinden çekilýändigini mälim edipdi. Ol 2021-nji ýyldan bäri ýurda ýolbaşçylyk edip gelýärdi. 2016-njy ýyldan bäri Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň Premýer-ministri bolup işlän 69 ýaşly Nguen Suan Fuk häzirki Wýetnamyň taryhynda saýlanmazdan ozal ýurduň hökümetine ýolbaşçylyk eden ilkinji prezident boldy.

Wýetnam hindi-hytaý ýarym adasynda ýerleşýän günorta-gündogar Aziýa döwleti bolup, günbatarda Laos we Kamboja, demirgazykda Hytaý, gündogarda we günortada Günorta Hytaý deňzi bilen serhetleşýär. Häzirki wagtda Wýetnamyň ilaty 99



million adamdan geçýär, bu hem ony ilat sany boýunça dünýäde 15-nji, Aziýa sebitinde 8-nji we Günorta-Gündogar Aziýada üçünji ýurt hökmünde öňe çykarýar. Şu ýyl Wýetnamda ilat sanynyň 100 milliona ýetmegine garaşylýar.

# Ykdysady forum geçirildi

16-20-nji ýanwar aralygynda Şweýsariýanyň Dawos şypahanasynda Bütindünýä ykdysady forumynyň (WEF) her ýylda guralýan maslahaty pandemiýadan soň ilkinji gezek gyşda geçirildi. Forumyň esasy mowzugy «Üzňe dünýäde hyzmatdaşlyk» atlandyrylyp, oňa dünýäniň dürli künjeklerinden 2700 töweregi syýasy, işewür, akademik we metbugat wekilleri gatnaşdy. Mundan başga-da foruma Ispaniýanyň Premýer-ministri Pedro Sançes, Germaniýanyň Kansleri Olaf Şols, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen gatnaşdylar. Şeýle-de maslahata dünýäniň birnäçe ýurdundan ykdysadyýet we maliýe ministrleri, şeýle hem 20 töweregi merkezi banklaryň ýolbaşçylary gatnaşdy. Maslahatyň dowamynda azyk we energiýa çökgünligi, inflýasiýa, ykdysadyýetiň haýal ösüşi, senagatyň pese düşmegi, sosial meseleler we geosyýasy ýagdaýlar ara alnyp maslahatlaşyldy.

Nemes ykdysadyýetçisi Klaus Şwab tarapyndan esaslandyrylan forum Ýewropa kompaniýalarynyň dolandyryjylyk işlerini kämilleşdirmäge gönükdirilendir. Gurama 1987-nji ýylda häzirki adyna eýe bolýar, 2015-nji ýylda bolsa, halkara guramasy hökmünde ykrar edilýär. Dawosda 1971-nji ýyldan bäri geçirilýän Bütindünýä ykdysady forumynda adamzat jemgyýetiniň ykbalyna gönüden-göni täsirini ýetirýän wajyp meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. Dünýäniň sosial-ykdysady ýagdaýynyň has-da gowulanmagy, iri ykdysady




we syýasy bileleşikleriň, aýry döwletleriň, korporasiýalaryň, kompaniýalaryň bähbitleriniň gabat gelmegi forumyň iň esasy maksady bolup durýar. Islendik meseläni resmi däl ýagdaýda maslahatlaşmak mümkinçiligi forumyň iň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Ştab-kwartirasy ýurduň Koloni şäherinde ýerleşýän foruma gatnaşýan döwletleriň sany ýylsaýyn artýar. Häzirki wagtda dünýäniň dürli ýurtlarynyň müňden gowrak kompaniýalary we guramalary bu forumyň agzasy bolup durýarlar.



# OZON GATLAGY GAÝTADAN DIKELDILER

Ozon gatlagyna zeper ýetirýän maddalary çäklendirmek boýunça halkara çäreleri kem-kemden ozon gatlagynyň dikelmegine getirip, ýakyn 40 ýylda Antarktidany goşmak bilen dünýäniň ähli sebitlerinde 1980-nji ýylyň derejesine gaýdyp geler. BMG-niň daşky gurşaw maksatnamasy (UNEP) bu barada öz web sahypasynda habar berdi.

«Ozon gatlagy dört onýyllygyň içinde dikeldiler we ozony ýok edýän himiki maddalaryň global dolanyşygynyň tapgyrlaýyn aradan aýrylmagy howanyň üýtgemegini azaltmak boýunça tagallalara häzirden peýda getirýär. Häzirki syýasat dowam etdirilse, ozon gatlagynyň 1980-nji ýyldaky derejesine (ozon deşigi peýda bolmazdan ozal) ýetmegine garaşylyp, takmynan 2066-njy ýylda Antarktidada, 2045-nji ýyla çenli Arktikada we 2040-njy ýyla çenli dünýäniň beýleki ýerlerinde ozon gatlagy öňki katdyna geler. Antarktidadaky ozon deşiginiň ululygyndaky üýtgemeler, esasan hem, 2019-njy ýyldan 2021-nji ýyla çenli meteorologiýa ýagdaýlary bilen şertlendirildi. Şeýle-de bolsa, 2000-nji ýyldan bäri Antarktidadaky ozon deşigi meýdany we çuňlugy babatda kem-kemden gowulaşýar» diýlip, beýanatda bellenilýär.

Şeýle netijeler, BMG-niň goldawy bilen taýýarlanan we her dört ýylda bir gezek neşir edilýän Ozon gatlagyna zeper ýetirýän maddalar boýunça Monreal teswirnamasynyň ylmy baha beriş baradaky toparynyň hasabatynda tassyklanýar. Şeýle hem hasabatda ozony dargadýan gadagan edilen maddalaryň 99%-iniň ýok edilmegi ozon gatlagyny abat saklamaga kömek edendigini, munuň bolsa, ýokarky stratosferanyň ep-esli dikelmegine we günüň zyýanly ultramelewşe şöhleleriniň adama ýetirýän täsiriniň azalmagyna sebäp bolandygyny tassyklaýar. Alymlar teswirnamanyň howa oňyn täsirini ýetirendigini tassykladylar. Monreal teswirnamasyna Kigali düzetmesi diýlip atlandyrylýan 2016-njy ýyldaky goşundysy käbir gidroftoruglerodlaryň (HFC) öndürilmegini we sarp edilmegini tapgyrlaýyn azaltmagy talap edýär. Gidroftoruglerodlar gönüden-göni ozony ýok etmeýär, ýöne howanyň üýtgemegine täsirini ýetirýän güýçli gazlardyr.

Ylmy baha beriş topary, stratosfera aerozol inžeksiýasy diýlip bilinýän aerozollaryň stratosfera göre-bile goşulmagyndan ozona bolup biljek täsirini hem gözden geçirdi. Stratosfera aerozol inžeksiýasy Gün şöhlesiniň yzyna serpikmegini ýokarlandyrmagyň hasabyna howanyň ýylylygyny azaltmagyň potensial usuly hökmünde teklip edildi. Şeýle-de bolsa, bilermenler topary stratosfera aerozol inžeksiýasynyň garaşylmadyk täsirleriniň «ozonyň stratosfera temperaturasyna, ýaýramagyna, önümçilik depginine täsir edip biljekdigini» duýdurýar. Monreal teswirnamasy Ýeriň ozon gatlagyna zeper ýetirýän himiki maddalary ýok etmek arkaly goramak baradaky halkara şertnamadyr. Ol 1989-njy ýylda güýje girip, dünýäniň iň üstünlikli daşky gurşaw şertnamalarynyň biridir.



# UMMANLARYŇ ÝYLYLYGY ARTÝAR

**Klimatologlaryň halkara topary 2022-nji ýylda dünýä ummanynyň ýokarky gatlaklarynda saklanýan ýylylygyň mukdary 255 zettajoul derejesine ýetip, 2020-nji ýyldakydan 10,9 zettajoul köpdür diýen netijä geldiler. Bu iş «Advances in Academic Science» žurnalynda çap edildi. Bu barada Hytaý Ylymlar akademiýasynyň Atmosfera fizikasy institutynyň metbugat gullugy habar berdi.**

**Klimatologlaryň pikirine görä, häzirki wagtda dünýä ummany, howanyň üýtgemeginiň esasy tebigy goraýjysy bolmagynda galýar. Senagatdan öňki döwürden bäri ummanlar ýylylygyň 90%-ini we senagat kärhanalary, awtoulaglar we beýleki hapalaýjylar tarapyndan howa goýberilen kömürturşy gazynyň üçden bir bölegini özüne siňdirdi. Bu ýagdaý diňe bir howanyň üýtgemegini haýallatman, eýsem, deňizleriň ekoulgamlarynda düýpli üýtgeşmelere hem sebäp bolup biler.**

**Barlag geçirijiler geçen asyryň ortalaryndan 2022-nji ýyla çenli dünýä ummanynyň ýokarky böleginde ýylylyk energiýasynyň toplanmagyny öwrendiler. Munuň üçin olar 3000 sany ýerüsti we suwasty abzallar tarapyndan ýygnalan klimat modellerini we maglumatlaryny, şeýle hem «Argo» okeanografik maksatnamasynyň çäginde awtonom gözegçilik stansiýalaryny ulandylar.**

# IŇ ULY HOWA MENZILI GURLAR

**BAE-niň häkimiýetleri «Dubai World Central» diýlip atlandyrylýan Al-Maktum howa menzilini giňeltmegiň hasabyna Dubaýda dünýäniň iň uly howa menzilini gurmagy meýilleşdirýär. Bäş uçuş-gonuş zolagy bilen täzelenen taslamanyň jikme-jik maglumatlary BAE-niň hökümetiniň web sahypasynda çap edildi. Uçuş-gonuş zolaklarynyň biri «Airbus A380»-e berler. Hasaplamalara görä, täze menzil 2027-nji ýyla çenli ýylda 160-dan 260 million ýolagça hyzmat edip biler. Aeroportlaryň halkara geňeşiniň (ACI) habaryna görä, Dubaý howa menzili beýleki ýurtlardan gelýän ýolagçylaryň sany boýunça 3 ýyl bäri öňdeligi eýeleýär. 2021-nji ýylda ýolagçylaryň sanynyň 21 milliondan geçendigi barada guramanyň web sahypasyndaky maglumatda bellenilýär. Ýolagçylaryň umumy sany boýunça häzirki rekord ABŞ-daky Hartsfild-Jekson Atlanta howa menziline (2021-nji ýylda 75,7 million adam) degişlidir.**

**Saud Arabystanynyň häkimiýetleri hem iň uly halkara menzilini gurmagy maksat edinýärler. Ýurduň ýolbaşçylary bu barada geçen noýabr aýynyň ahyrynda mälim etdiler. Er-Riýadda gurulmagy meýilleşdirilýän täze howa menziliniň ýylda 185 million adama hyzmat edip biljekdigi habar berilýär. Bu, ýurdy Ýakyn Gündogarda syýahatçylyk pudagynda öňdebaryjy etmek baradaky has uly meýilnamanyň bir bölegidir.**



# TARYHDA ŞU GÜN

**1958-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda Londonyň köçelerinde ilkinji gezek tizlige gözegçilik edýän radarlar peýda boldy. Onuň 60 ýyldan gowrak taryhynda köp zat üýtgedi. Häzirki wagtda ýol gözegçilik gullugynyň işinde olaryň kämilleşdirilen görnüşleri ulanylýar.**



# 2022-nji ýylyň «Älem gözeli»

**14-nji ýanwarda Nýu-Orleanda (ABŞ) her ýylda guralýan 71-nji halkara «Älem gözeli» bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi. Bu bäsleşikde 28 ýaşly amerikaly R’Bonni Nola Gabriel ýeňiji boldy. Ol wenesuelaly Amanda Dudamelden we Dominikan Respublikasyndan Andreina Martinesden öňe saýlandy. Ýeňiji ABŞ-nyň Aýy özleşdirmekde gazanan üstünliklerine bagyşlanan eşikde sahna çykdy. Onuň eşigi şeýle bir agyrdy welin, model onuň bilen sahnada kynlyk bilen ýöredi. Guramaçylar özboluşly eşigi bilen beýleki gatnaşyjylardan öňe saýlanmagy**



**başaran Gabrieliň köýneginiň sekiz müň billur bilen bezelendigini habar berdiler.**

**Gabriel ekologiýa taýdan ykjam eşikleri dizaýn edýär, öz ady bilen moda hödürleýär we täjirçilik maksatly bolmadyk tikinçilik atelýesinde biçüw boýunça hünärmen bolup işleýär. Ol ýeňijiniň täjini öňki bäsleşikde ýeňiş gazanan hindistanly Harnaz Sandhudan aldy. R’Bonni Nola Gabriel gelip çykyşy boýunça filippinlidir.**

**Bu bäsleşige 86 ýurtdan gelen gyzlar gatnaşdy. «Älem gözeli» bäsleşigi ilkinji gezek 1952-nji ýylda «Pacific Mills» kompaniýasy tarapyndan guralýar. Şol ýyl bäsleşigi her ýyl guramak maksady bilen «Älem gözeli» guramasy döredilýär. Netijede, gurama birnäçe million dollarlyk gaznaly garaşsyz brend bolýar. Soňra bu çäräni geçirmek boýunça hukuklar dürli-dürli kompaniýalara degişli bolýar. Bäsleşik 1972-nji ýyldan soň dünýäniň dürli şäherlerinde guralyp başlanýar. Gözellik çäresi dünýäniň çar künjeginde ýaýlyma berlip, oňa 500 milliondan gowrak adamyň tomaşa eden ýyllary bolupdyr.**

**Indiki bäsleşik Salwadorda şu ýylyň ahyrynda geçiriler.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# BUZ MYHMANHANALARY: sowuk howadaky täsirli başdangeçirmeler

**Syýahatçylyk pudagynda jahankeşdelere giň mümkinçilikler, amatly şertler, gaýtalanmajak başdangeçirmeler hödürlenilýär. Bu, esasan, syýahatçylaryň isleglerini nazara almak bilen bagly bolup, şolaryň arasynda gyşyna dynç alýan myhmanlar üçin her ýyl ýörite gurulýan buz myhmanhanalary aýratyn ünsi çekýär. Göz öňüne getiriň, gyşyň aňzakly sowugy, ap-ak dona bürenen tebigat we şol ýerde-de buzdan bina edilen myhmanhana. Buz myhmanhanalary sowuk howany gowy görýän syýahatçylar üçin niýetlenip, daşyndan aşa sowuk ýaly bolup görünýän hem bolsa, içerdäki temperatura otag şertinde – 17/-23 derejede saklanýar. Myhmanhanadaky ähli zat: diwarlar, basgançaklar, lýustralar, stoldyr oturgyçlar, kürsüler, diwanlar buzdan ýasalýar. Hatda gap-gaçlar hem buzdan. Gazetimiziň şu sanynda dünýädäki täsin buz myhmanhanalary baradaky gyzykly maglumatlary siziň dykgatyňyza ýetirýäris.**



**«Ice»myhmanhanasy,Rumyniýa.** Gar bilen örtülen Fegeraş daglarynda gurlan «Ice» myhmanhanasy kaşaň otaglary, açyk tebigatdaky täsin başdangeçirmeleri bilen syýahatçylary özüne çekýär. Bu ýere gelýän myhmanlar lyžaly dag gerişlerine çykyp, garda ýöreýän ulaglar arkaly gyşyň tebigy aýratynlyklaryndan lezzet alýarlar. Bu ýerde konki meýdançalary hem bar. Myhmanhananyň diwarlary we mebelleri buz heýkeltaraşlary tarapyndan ýasalyp, içinde buz hammamy we buz restorany bar. Gyşyna Balea kölüniň doňmagy bilen ondan döwlüp alnan buzlardan Fagaras dagynyň depesinde gyşky myhmanhana gurulýar. Howanyň gyzmagy bilen myhmanhana eräp, suwy Balea kölüne goşulýar.



**«Glace»myhmanhanasy,Kanada.** Kanadada gyşyna syýahatçylary özüne çekýän ýerleriň biri hem «Glace» myhmanhanasy bolup, bu buzdan ýasalan sungat binasy hasaplanýar. Myhmanhananyň içinde kiçijik ösüp oturan arçalary görmek bolýar. Bu ýerde ornaşdyrylan özboluşly buz heýkelleri myhmanhananyň gözelligini artdyrýar. Myhmanhana 21 toplumdan ybarat bolup, hersiniň özüne mahsus gurluşy we bezeg aýratynlygy bar.



**«Icehotel», Şwesiýa.** «Icehotel» gar we buzdan gurlan dünýädäki ilkinji hem-de iň uly myhmanhana hasaplanýar. 30 ýyldan gowrak wagt bäri myhmanlary garşy alýan bu myhmanhanada gardan we buzdan ýasalan sungat gurnamalary, eksponatlar ýylyň-ýylyna täzeçe görnüşde ýasalýar. Buz basgançaklary, buz lýustralary we buzdan döredilen kartinalary bilen syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýan myhmanhana Şwesiýanyň hökmany baryp görmeli ýerleriniň biri hasaplanýar.



**«Iglu»myhmanhanasy,Awstriýa.** Iglu obasynda ýerleşýän adybir buz myhmanhanasy syýahatçylaryň barmak üçin sabyrsyzlyk bilen garaşýan ýerleriniň biridir. Iglu obasynda garyň ýagmagy bilen lyža ýaryşlary, gyşky sport we güýmenje çäreleri geçirilýär. Bu ýere gelýän jahankeşdeler «Iglu» myhmanhanasynyň aýratynlyklary bilen tanşyp, romantik buz otaglarynda dynç alyp bilýärler. Ýyldyzlaryň aşagynda garyň ýagşyny synlamak, peýnirli tagamlar, gyzgyn şokoladly içimlikler bu ýeriň özboluşly tarapydyr.



**«Sorrisniva» myhmanhanasy, Norwegiýa.** Beýleki buz myhmanhanalaryndan tapawutlylykda şähere ýakyn ýerde ýerleşýän bu myhmanhana gatnaw serişdeleriniň barmaýandygy sebäpli, ýöräp gitmeli bolýar. Şeýle hem bu ýerde gijelerine polýar şuglasyny görmek bolýar. Ýerli medeni çäreleriň geçirilýän merkezi bolan «Sorrisniva» myhmanhanasynda gämili başdangeçirmeler hem hödürlenilýär. Buz myhmanhanasy itli lyžany halaýanlaryň hem-de sugundyr marallary ýakyndan synlamagy gowy görýänleriň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biridir.

**«SnowVillage» myhmanhanasy, Finlýandiýa.** Buz otaglary, buz restoranlary we barlary bolan myhmanhana her ýyl başgaça bezeg aýratynlygy bilen gaýtadan gurulýar. Myhmanhananyň çäginde buzdan ýasalan kottejler hem bolup, myhmanlara gyzgyn tagamlar hödürlenýär. Şeýle hem bu ýerde toý dabaralaryny geçirmek üçin buz zaly bolup, jübütler üçin buzdan kürsi we buz torty ýasalýar. «SnowVillage»-däki iň gowy başdangeçirmeler gar ulaglaryndaky gezelençler bolup, bu ýerde gezelenç edýän toparlar üçin hususy aşhanalar hem bar.





**«Chena Hot Springs Resort», Alýaska.** Dört myhmanhana otagy bolan «Chena Hot Springs Resort» dünýä belli «Aurora Ice Musem» muzeýiniň ýerleşýän ýeridir. Bu myhmanhanany döretmek üçin müň tonnadan gowrak gar we buz ulanylypdyr. Bu ýerde buz heýkelleri, kiçiräk seýilgäh, restoran hem-de jübütler üçin toý dabaralaryna niýetlenen buz çadyry hem bar. «Chena Hot Springs Resort» ýylyň ähli möwsüminde myhmanlary garşy alýan dünýäniň iň uly buz muzeýi hasaplanýar.

# HARBIN buz festiwaly



Her ýylyň 5-nji ýanwarynda öz işine başlaýan Harbin buz festiwaly mart aýyna çenli dowam edýär. Harbin dünýädäki iň uly buz festiwaly hasaplanýar. Ilkibaşda ýerli halkyň arasynda geçirilip başlanan hem bolsa, häzirki wagtda bu festiwal dünýäniň dürli künjeginden gelýän syýahatçylaryň uly gyzyklanma bildirmegi bilen halkara derejesinde geçirilýär. Festiwal Hytaýyň «Buz şäheri» hökmünde tanalýan, Sibire ýakyn sebiti bolan Harbin şäherinde ýaýbaňlandyrylýar. Dekabr aýynyň başyna Songhua derýasynyň doňmagy bilen Harbin şäherine 200 müň kubmetrden gowrak buz gatlagy getirilýär. Bu ýerde müňlerçe heýkeltaraşlaryň zähmeti netijesinde 3-4 hepdäniň içinde «Buz şäheri» peýda bolýar. Şäheriň arktiki howasy festiwala hödürlenilýän heýkelleriň uzak wagtlap eremän saklanmagyny üpjün edýär.

Harbin buz festiwalynyň çäginde esasan, körpe syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýän buz disneýlendi, Gün adasy, Zhaolin seýilgähi ýaly meýdançalar bar. Mundan başga-da, bu ýerde Elzanyň buz köşgüni, buz basgançaklaryny, buz diwarlary, gar şalygyny synlamak bolýar. Çagalar Elzanyň buz köşgüne girip, özlerini edil ertekilerdäki ýaly duýup bilýärler. 300 metrlik buz slaýdy, konkili, lyžaly typmak, buz tigirini sürmek hem syýahatçylar üçin özboluşly başdangeçirmeler bolup durýar. Gün adasynda geçirilýän çäreler buz festiwalynyň esasy wakalarynyň biri bolup, bu ýerde birnäçe kilometre uzaýan gara çekilen suratlar görkezilýär. Zhaolin seýilgähinde çagalary buz çyralary, jadyly şekiller bilen bir hatarda özleriniň eý görýän 300-den gowrak haýwanlarynyň heýkelleri garşy alýar. Bu seýilgäh çagalar üçin iň gyzykly meýdançalaryň biri bolup, maşgalalaryň arasynda geçirilýän buz oýmak boýunça ýaryşlary hem synlap bilýärler. Festiwalyň dowamynda buz tanslaryny, palçy komediýasyny, buz akrobatikasyny, gyşky sport çykyşlaryny öz içine alýan «Harbin Show» geçirilýär. «Buz şäherini» gije synlanyňda has-da owadan görünýär.



Festiwal öz gözbaşyny 1963-nji ýylyň gyşynda geçirilen buz çyrasy sergisinden alyp gaýdýar. Ilkinji Harbin buz festiwaly 1985-nji ýylda Zhaolin seýilgähinde uly dabara bilen geçirilýär we her ýyl geçirilmeli çäre hökmünde yglan edilýär. 2001-nji ýylda Halkara lyža festiwaly bilen bilelikde Harbin buz festiwaly hem bellenilýär we bu festiwala halkara derejesi berilýär.

# IŇ AKYLLY TOHUM ITI

Barlag geçirijiler köp sanly synaglaryň netijesinde itleriň iň akylly tohumyny kesgitlediler. Finlýandiýanyň Helsinki uniwersitetiniň barlag geçirijileri itiň akyl ýetiriş aňy boýunça iň uly laboratoriýa barlagyny geçirdiler. Barlaglar giň gerimli bolup, 2016-njy ýylyň mart aýyndan 2022-nji ýylyň fewral aýy aralygynda geçirildi. Bu döwürde itiň eýelerini itleri bilen birlikde synag meýdançalaryna çagyrdylar.

Bu barlaga 13 dürli tohumdaky müňden gowrak it gatnaşdy. Olaryň arasynda border-kolli, belgiýa malinualy, iňlis koker-ispanieli, nemes owçarkasy, altynsow retriwer, labrador-retriewer we beýleki görnüşler bar.

Alymlar synagyň netijelerini seljerenlerinden soň, tohum itleriň arasynda gysga wagtlyk ýat we logiki düşünme babatda onçakly tapawut ýok diýen netijä geldiler. Şeýle-de bolsa, barlag geçirijiler itleriň sosial akyl ýetiriş, gözegçiligi saklamak we daş-töwerekdäki meseleleri çözmek boýunça ukyplarynyň tapawudyny ýüze çykardylar.



Gyzykly tarapy, border-kolli geçirilen tejribe tabşyryklarynyň ählisinden baş alyp çykdy. Bu çopan iti köpden bäri akylly it hökmünde giňden tanalyp, olaryň aglabasy onlarça ýeriň adyny ýatda saklamagyň we buýruklary dürs ýerine ýetirmegiň hötdesinden gelýär.

Alymlar öňki barlaglarda itiň tohumynyň olaryň özüni alyp barşyna we hereketlerine täsir etmeýändigini, eýesiniň tälim bermegi esasynda belli bir derejä gelýändigini anyklapdylar. Bu gezekki geçirilen barlagda itleriň daş-töwerege akyl ýetiriş aňy we ukyby seljerildi.

## ÇAGALAR

✓ «My Tree House» dünýäde çagalar üçin gurlan ilkinji «ýaşyl kitaphana» bolup, ol Singapuryň merkezi jemgyýetçilik kitaphanasynda ýerleşýär.

# Sporta höwesli ýaş türgen

Ýurdumyzda sporty özüne hemra edinen ýaşlaryň sany ýyl-ýyldan artýar. Bu bolsa sport ýurdy bolan Türkmenistanda sport bilen meşgullanmak hem-de türgenleşmek üçin ähli şertleriň döredilendigini aňladýar. Sporty özüne hemra edinen ýaş türgenleriň biri hem Aşgabat şäheriniň dil derslerini çuňlaşdyryp öwredýän 87-nji ýöriteleşdirilen orta mekdebiniň 6-njy synp okuwçysy Aýmuhammet Annasähedow bolup, ol woleýbol bilen meşgullanýar.



Aýmuhammet birnäçe ýyldan bäri Aşgabat şäheriniň Bedenterbiýe we sport baradaky baş müdirliginiň 8-nji sport mekdebine gatnap, «Ýedigen» woleýbol toparynda çykyş etmek bilen oýnuň taktiki aýratynlyklaryny, oýnaýyş düzgünlerini hem-de inçe tilsimlerini öwrenýär. Toparyň tälimçisi Rahymguly Bäşimow: «Aýmuhammet «Ýedigen» woleýbol toparyndaky ýaş türgenleriň arasynda erjelligi, tutanýerliligi, yzygiderli türgenleşýändigi we sporta bolan yhlasy bilen tapawutlanýar» diýip belleýär. Aýmuhammet ýurdumyzda geçirilýän woleýbol boýunça ýoldaşlyk duşuşyklarynda we ýörite ýaryşlarda deňduşlaryndan tapawutlanyp, 1 altyn, 1 kümüş medala, şeýle hem hormat hatlaryna mynasyp boldy. Ýaş türgen öz ýürek buýsanjyny: «Çagalykda top bilen oýnalýan sport görnüşleri esasan hem, woleýbol bilen köp gyzyklanýardym. Teleýaýlymlarda görkezilýän woleýbol ýaryşlaryna yzygiderli tomaşa edýärdim. Şeýdip kakamyň sporta ugrukdyrmagy esasynda ýygyndy toparynda çykyş edip başladym. Meniň esasy arzuwym geljekde ezber türgenleriň biri bolup, ata Watanymyzyň sport abraýyna goşandymy goşmak» diýen jümleler bilen beýan edýär.

Aýmuhammet sapaklaryndan boş wagty diňe bir sport bilen meşgullanman, Aşgabat şäheriniň 2-nji çagalar sungat mekdebiniň dutar bölümine gatnap, türkmen milli saz guralynyň inçe tilsimlerini hem öwrenýär. Mundan başga-da, ýaş türgen küşt oýnamagy we surat çekmegi gowy görýär.



## GAÝYBANA SYÝAHAT

### Singapuryň «My Tree House» kitaphanasy



«My Tree House» (Meniň agaç öýüm) dünýäde çagalar üçin gurlan ilkinji «ýaşyl kitaphana» bolup, ol Singapuryň merkezi jemgyýetçilik kitaphanasynda ýerleşýär. «Meniň agaç öýüm» kitaphanasy körpejelere daşky gurşaw bilen bagly düşünjeleri bermekde, tebigy gymmatlyklara aýawly çemeleşmegi we goramagy öwretmek babatynda köp sanly kitap ýygyndysyny, sanly bilim platformalaryny we gyzykly programmalary hödürleýär. 2013-nji ýylda açylan «ýaşyl kitaphanada» energiýany tygşytlamak maksady bilen LED yşyklandyryş ulgamy ornaşdyrylyp, içki bezeginde agaç tekjeler, ýaşyl örtükli halylar ýaly ekologiýa taýdan arassa materiallar ulanylypdyr.

Gapysyndan gireniňde botanika bagyny göz öňüňde janlandyrýan bu kitaphananyň içinde çüýşeden we agaçdan ýasalan birnäçe jaýjagazlar bar. Çagalar islegine görä, öýjagazlara girip ýa-da agajyň aşagynda oturyp kitap okaýarlar. Bu bolsa öwrenilýän maglumatlaryň has-da täsirli bolmagyna ýardam edýär. Kitaphanada ertekili, hekaýaly, ösümlik we haýwanat dünýäsi, daşky gurşawy goramak baradaky hem-de oýunlar we senetçilik gurallaryny ýasamagy öwredýän 45 müň töweregi kitap bar. Bu ýerde «Jadyly agaç», «Uzyn agajyň halky» ýaly ynsan bilen tokaýyň – ýaşyl dünýäniň arasyndaky baglanyşygy gürrüň berýän birnäçe meýdança bar. Kitaphananyň esasy maksady: körpe okyjylar bilen tebigatyň arasynda dostlugy döretmek, ýaşyl dünýä bolan söýgini artdyrmak hem-de gyzykly, täsirli başdangeçirmeler esasynda çagalara maglumatlary öwretmekdir. Singapurda iň köp höwes bildirilýän ýerleriň biri bolan «ýaşyl kitaphanada» çagalar kitap okamak bilen bir hatarda, wagtyny gyzykly hem peýdaly geçirýärler.





## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

### «Alkyş – gyzyldan gymmat»

Durmuşy temada döredilen pähimleriň biri bolan bu nakylda ata-babalarymyz birine kömek etmegiň, ýagny haýyrly bir iş etmegiň altyndan gymmatdygyny ündeýär. Birine ýardam bermegiň netijesinde ondan pula däl-de, ýagşy dilege, minnetdarlyga garaşmalydygy beýan edilýär. Pul wagtlaýyn maddy serişde bolup, alkyş ynsanlyk mertebesini beýgeldýär, adamyň at-abraýyny il içine ýaýýar. Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde «Alkyş – biriniň eden ýagşylygyna, adamkärçilikli hereketine gaýtargy hökmünde aýdylýan oňat dileg, ýagşy niýet» diýlip kesgitleme berilýär. Bu nakyla ugurdaş äheňde «Ýagyş bilen ýer gögär, alkyş bilen är gögär» pähimi mysal getirmek bolar. Türkmen halk döredijiliginde we ýazuwly edebiýatynda hem alkyş bilen bagly birnäçe terbiýeçilik ähmiýetli jümledir şygyr setirleri bar. Alkyşly sözler adamyň ömrüne ömür, bereketine bereket goşýar. Alkyşly adamyň işi ugruna boluberýär.



Labirint



10 tapawudy tapyň!



Özüň ýasa!





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Paýhaslar

☑ Adamzadyň oýlap tapan ilkinji saz guraly deprek boldy. Sebäbi adamlar durmuşda eşiden ilkinji sesini – ene ýüreginiň sesini bolşy ýaly döretmek isläpdirler.

***Rik Sewij.***

☑ Fleýtanyň adam ruhuna täsiri güýçli, çünki ol has güýçli tolgundyrýar.

***Aristotel.***

☑ Saz paýhasdan we pelsepeden has ýokary açyşdyr.

***Bethowen.***

☑ Aýdym-saz bütin dünýäni ruhlandyrýar, ruhy ganatlar bilen üpjün edýär, hyýalyň uçmagyna kömek edýär, aýdym-saz ähli zada ýaşaýyş we şatlyk berýär. Ony owadan we ajaýyp zatlaryň beýany diýip atlandyryp bolar.

***Platon.***

☑ Diňe iň uly sungat – saz ýüregiň jümmüşine aralaşyp biler.

***Maksim Gorkiý.***

☑ Saz adamzadyň umumy dilidir.

***Genri Longfello.***

☑ Sazyň maksady ýüreklere aralaşmakdyr.

***Sebastýan Bah.***

☑ Saz durmuşdyr. Ol ýaňlanýarka ähli zat baky ýaşaýar. Sazy ýerine ýetirýän sazanda, wakalaryň içinde ýaly ýatlamalarda ýaşaýar.

***Daniel Glattauer.***

☑ Söýgi bolmasa, adam ýüreginde haýsy sazy göterip ýörendigini hiç wagt bilmez.

***Oşo.***

☑ Saz – hasraty gark edýän güýçdür.

***Wilýam Şekspir.***

☑ Saz ýeke-täk dünýä dilidir, ony terjime etmegiň zerurlygy ýok, onda göwün bilen göwün gepleşýär.

***Bertold Auerbah.***

☑ Saz güýçli pikir çeşmesidir. Aýdym-saz terbiýesi bolmasa, pikir taýdan doly ösüş mümkin däl.

***W. Suhomlinskiý.***



2-nji SKANWORD

**Gurbangylyç ATAÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*



Alesýa Lopatina, rus ýazyjysy.

# Ýyldyzly fleýta

Saz gurallary dükanynda ümsüm gijeler höküm sürýärdi. Ullakan gara fortepianodyr, güýçli deprekler we ýiti sesli diskler süýji ukudady. Skripkalar bolsa, mahmal gaplarynyň içinde agyr ukudadylar. Ýöne fleýtanyň welin ukusy tutmaýardy. Günleriň bir güni saz gurallary dükanynyň eýesi agşam öýüne gaýdanda penjiräni ýapmagy unudypdy. Bilesigeliji kiçijik ýyldyz bolsa, açyk penjireden dükana uçup girip, fleýtanyň içinde gizlendi. Şondan soň, fleýta beýleki saz gurallaryny birahat etmän, gijelerine haýaljakdan özüniň ýyldyz heňine tutduryardy. Gündizlerine dymýan bu fleýtanyň ýyldyz owazyna eýe bolandygyndan welin, hemmeler bihabardy.

Ir bilen dükanda işleýän oglanjyk saz gurallarynyň tozanyny süpürip ýörkä, eli fleýta galtaşanda, ol ýuwaşjadan owazlandy. Oglanjyk bu üýtgeşik nepis fleýtadan edinmegi köp wagtdan bäri arzuw edýärdi. Birdenem gapydaky jaňjagaz «jyňňyrt» edip ýaňlanansoň, içerik geýnüwli ýaşuly girdi.

– Geçiberiň, men sizi görenime örän şat. Belki-de gerek zadyňyz bardyr? – diýip, dükanyň eýesi barjamly alyja hoşamaýlyk bilen ýüzlendi.

– Häzir-ä hiç zat, görüşdireýin, onsoň pikirleneýin – diýip, ýaşuly perwaýsyz jogap berdi.

Şondan soň ýaşuly her gün dükana sowlup geçýärdi. Ol çagalygyndan fleýta çalmagy arzuw edenem bolsa, ömrüniň köp bölegini kakasyndan miras galan kärhananyň müdiri bolup geçiripdi. Oňa indi bu ýaşdan soň haýsydyr bir saz guralyny çalmagy öwrenmek gaty giç ýaly bolup görünse-de, saz gurallary dükany ony birsyhly özüne çekýärdi. Bir gezek dükanyň eýesi az wagtlyk daş çykmaly boldy. Şonda ýaşuly oglanjyga ýüzlenip:

– Ýogsa-da, sen fleýta çalyp bilýäňmi? – diýip sorady.

– Aýdýanyňyz näme jenap, meniň diňe agaçdan ýasalan ýönekeýje tüýdügim bar. Isleseňiz şondan bir-iki heň çalyp bereýin? – diýip, oglanjyk ýylgyrdy. Şonda tüýdügiň şadyýanja owazyny fleýta ýuwaşjadan gaýtalady.

– Berekella! Indi sen şo guraly çalmaga hem synanyşyp gör – diýip, ýaşuly fleýta yşarat etdi.

Oglanjyk fleýtany dodaklaryna ýetiren badyna, göýä ähli ýyldyzlar seslenip şatlykdan ýaňa lowurdaşýan ýaly dürli owaz ýaňlandy. Garry bu bolýan zatlara haýran galdy, ýöne oglanjyk hem geňirgenmän durmady.

– Bu men däl, fleýtanyň özi çalýar, jadyly bolmaga çemeli – diýip, oglanjyk seslendi.

Ýaşuly dessine fleýta üçin üç esse gymmat töläp, satyn aldyda agşamara aýdym-saz mugallymynyň ýanyna gyssandy. Ýaşuly ol ýere baranda saz gurallary dükanynda işleýän oglanjygyň hem şol ýerdedigini görüp, geň galdy. Oglanjyk aýdym-saz mugallymyna ýüzlenip:

– Ýoldaş mugallym, maňa iň bolmanda ýekeje sapak bermegiňizi haýyş edýärin, indiki hepde men size ýene on mis şaýy bererin – diýip, özelenip soraýardy.

– Bir sapak üçin on mis az bolýar. Men size gyzymyň syrkawlandygyny, lukman üçin pul gerekdigini düşündirip aýtdym ahyryn – diýip, mugallym gynanyp jogap berdi.

– Mugallym, maňa şu fleýtada çalmagy öwretseň, on mis dälde on altyn şaýy berjek – diýip, barjamly ýaşuly dillendi.

– Beýle bolsa, baş üstüne geliň! – diýip, mugallym ýaşula baş egdi. – Maňa öňünden töleseňiz, öwretmäge razy. Sen bolsaň, jigim – diýip, oglanjyga ýüzlenen mugallym: – Gyzym gutulandan soň geläýiň, oňa çenli ep-eslije şaýy toplarsyň.

Mugallym on sany altyn şaýylygy öňünden alandan soň, elinde baryny edip sapak berdi. Ol beýleki sapaklaryň hemmesini goýbolsun edip, diňe ýaşula uzakly gün sapak berdi. Birinji sapagy, ikinjisi ..., onunjysy geçdi, ýöne göze görnüp duran netije bermeýärdi. Hany şol jadyly owaz nirä gaýyp bolduka? Onuň bar bitireni fleýtadan diňe birnäçe ýoýulan owaz çykaryp başardy. Garry sagatlap türgenleşse-de, bar edeni biderek bolýardy. Bir gün iň bolmanda iň ýönekeý bir heňi çykaryp bolmazmyka diýen niýet bilen uzak gijeläp dyrjaşdy, ýöne hiç hili netije bolmansoň tukat halda ýerine geçip ýatmakçy boldy. Şol wagt onuň gulagyna özüni ýesir eden şol üýtgeşik owaz eşidilen ýaly boldy. Ýaşuly başyny galdyrsa, onuň gabat garşysynda ýyldyzlar ýaly lowurdaýan göm-gök lybasly perisypat gyz peýda boldy-da, onuň fleýtasynda saz çalyp berdi.

– Sen kim? – diýip, haýran galmakdan ýaňa doňňara daşa dönen ýaşuly ardynjyrady.

Mawy gözlerini ýaşula diken perizat mylaýym sesi bilen şeýle diýdi:

– Men aýdym-sazyň perisi. Diňe päk ýürekli ynsanlaryň jadyly fleýtany çalyp biljekdigini saňa duýdurmaga geldim.

Ýaşuly ýerinden turan badyna, perizat gözden gaýyp boldy. Bütin gijeläp perizadyň aýdan sözleri hakda oýlanyp, ýatyp bilmedik ýaşuly säher bilen saz gurallary dükanyna howlukdy. Ol bu ýerde işleýän oglanjyga garap:

– Taýýar bol, sen bu ýerde tozan süpürmeli däl-de, okamaly. Sen ussat sazanda bolup ýetişersiň. Men hemme zady gepleşerin, okuwlaryň üçin tölegleri hem öz üstüme alýaryn – diýip ýylgyrdy.

Şeýlelikde, ýaňky ýaşuly oglanjygy aýdym-saz mekdebine ýerleşdirdi, soň bolsa aýdym-saz mugallymynyň ýanyna gitdi.

– Siziň gyzyňyzyň saglyk ýagdaýynyň agyrdygyny bilsemem, sizi sapak bermäge mejbur edendigim üçin meni bagyşlaň! Mundan beýläk gyzyňyz sagalýança sapak bolmaz. Gyzyňyzyň saglygyny bejertmek üçin bolsa şuny menden kabul ediň – diýip, ýaşuly jübüsinden çykaran galyň gapjygyny mugallymyň eline tutdurdy.

(Erteki)



– Iň soňunda meniň fleýtam garaşýan heňimi çykarsa bolýar – diýip, öz ýanyndan oýa batan ýaşuly öýüne dolandy. Ol ýene-de şowsuzlyga uçranda bolsa, onuň lapykeçligini hiç zat bilen deňär ýaly bolmady. Edil şol wagt gapy kakylyp, dükanda işleýän oglanjyk şadyýan halda içerik kürsäp girdi.

– Hormatly jenap! – diýip, oglanjyk demi-demine ýetmän seslendi. – Men size bagyşlap düzen sazymy öz tüýdügimde çalyp bermekçi.

Şol wagt ýaşuly oglanjyga öz fleýtasyny uzadyp:

– Sen iň gowusy maňa düzen sazyňy meniň fleýtamda ýerine ýetirip ber – diýdi.

Oglanjyk fleýtany dodagyna ýetiren badyna, göýä ähli ýyldyzlar seslenip, şatlykdan ýaňa lowurdaşýan ýaly dürli owazlar ýaňlanyp ugrady.

Oglanjyk sazy çalyp gutaranda ýaşuly şeýle diýdi:

– Indi bu fleýta sende durubersin. Ol seniňki. Bu saňa has mynasyp.

– Ýok, jenap! Men beýle gymmat sowgady kabul edip biljek däl – diýip, oglanjyk soragly nazaryny ýaşula aýlady.

– Onda gel gowusy, çalşaly. Sen maňa öz ýönekeýje tüýdügiňi ber, men bolsam saňa şu nepis fleýtamy bereýin – diýip, özelenen ýaşuly fleýtany zor bilen diýen ýaly oglanjygyň eline gysdyrdy. Oglanjyk şatlykdan ýaňa ökjesi ýere degmän öýlerine dolandy.

Ýaşuly giç agşam ýatmak üçin düşegine geçmänkä oglanjygyň agaçdan ýasalan ýönekeýje tüýdügini eline alyp, dodagyna ýetirende, ondan gulaga ýakymly, ajaýyp owaz ýaňlanyp ugrady.

Terjime eden **Gülzada ÇARYÝEWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky ýörite sazçylyk mekdep-internatynyň okuwçysy.*

# 4-nji KROSSWORD

**Aýna NIÝAZGULYÝEWA,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*



**DIKLIGINE:** **2.** Başgyrdystanyň paýtagty. **3.** Görkezme çalyşmasy. **4.** Saz guraly. **6.** Gallanyň degirmende üwelip çykarylan önümi. **7.** Ussaçylyk guraly. **8.** Ýokary okuw mekdebiniň ýolbaşçysy. **9.** Şepe, dost. **10.** Öz aýdýan zatlaryň dogrudygyny ynandyrmak, tassyklamak üçin aýdylýan ümlük. **11.** Bir zada ýüregiň bilen ynanmak. **12.** «...zat alnyňa ýagşy» (nakyl). **13.** Ýerasty baýlyk, hazyna. **14.** Biderek ýere öwünmek, boş geplemek. **16.** Çörek. **18.** Wolga derýasynyň sag goşandy. **19.** Miwe. **20.** Arap elipbiýiniň ýigrimi dördünji harpy. **21.** Arap elipbiýiniň on sekizinji harpy. **24.** Özüňden uly erkek dogan. **25.** «... kesbi-ogla halal» (nakyl). **26.** «...daş ýürek ýakyn» (nakyl). **27.** Sygyr molanda çykýan ses. **30.** Taryhy wakanyň ýa-da belli şahsyň hormatyna dabaraly äheňde ýazylan şygyr, waspnama. **31.** Haýbat. **32.** Bir zadyň hasabatyny ýöretmek üçin mukdar düşünjesi, ululyk. **33.** Ýaz paslynyň soňky aýy. **34.** Dünýäde iň uzyn derýa. **35.** Gawun önümi. **36.** «Jahyllykda çar tarapa atyşan, Bilmezlikde ... işlere gatyşan» (Magtymguly). **37.** Köplük san goşulmasy. **38.** Arka, ýeňse. **39.** Özbegistanyň pul birligi. **40.** Çekilýän zähmete tölenýän pul, muzd. **41.** Aktýoryň sahna eseriniň haýsydyr bir gahrymany bolup janlandyrýan keşbi. **44.** Dyky, agyz ýapy. **46.** Örän, juda. **47.** Akyl, aň arkaly emele gelýän içki duýgy. **48.** Garyşyk reňk. **50.** Belli bir ugurdan işleri amala aşyrýan gurama. **51.** Bir iş etmäge berlen ygtyýar, rugsat. **53.** «Aýgytly ädim» kinofilminiň baş gahrymany. **54.** «... dogsa, älem görer» (nakyl). **56.** Kaka (köne söz). **57.** Öte, has ýokary. **58.** Dört çaryýarlaryň biri. **59.** «... eýesiniň gözünden suw içer» (nakyl). **60.** Söýget üçin miweli agaçlara we ş.m. urulýan haçjaly agaç, direg. **61.** ...-ahwal. **63.** Dört tarapy suw bilen gurşalan gury ýer bölegi. **64.** Yzgar, çyg. **68.** Italiýanyň paýtagty. **70.** Çuň bolmadyk suwly ýap. **71.** Ýüň egrilýän gural. **73.** Ikuçlulygy görkezýän baglaýjy. **75.** «... hünäri il gezer» (nakyl).

**KESELIGINE:** **1.** Musulmanlaryň hijri-kamary aý hasabynda on ikinji aýyň ady. **5.** «Aty köp baksaň ... bolar» (nakyl). **9.** Topar, toplum. **12.** «... köpek gurt alar» (nakyl). **15.** Uçar kysmy. **17.** Kakaň ejesi. **18.** «Atylan ... daşdan gaýtmaz» (nakyl). **19.** ...-nyşan. **21.** Äşgär, mälim. **22.** Aşhana esbaby. **23.** Köp zeýrenmek, dat etmek. **24.** Russiýada şypahana şäheri. **28.** Agajy köpýyllyk miweli ösümlik. **29.** Gahrymanyň içki duýgularyny beýan edýän kiçiräk aýdym. **33.** Ýewropada bir döwlet. **36.** Iki ujy aýlanyp biri-birine berkidilen tegelek. **39.** Afrikada uly çöllük. **42.** Eliň iç ýüzi. **43.** Birnäçe wagt mundan ozal, öňräk. **45.** Braziliýada uly port şäher ...-de-Žaneýro. **46.** Ýygnalan, bir ýere üýşürilen hasyl. **49.** Per. **52.** Uly jaý, beýik bina. **55.** Gazet-žurnallarda çap edilýän kiçi göwrümli habar. **60.** Tämiz, arassa. **62.** Oýun görkezilýän, çykyş edilýän ýörite ýer. **65.** Öz erkine, arkaýyn. **66.** «Giç ýat-da, ir tur, ... pişegi artyk ur» (nakyl). **67.** Reňk. **69.** «Men-menlikde gezer käsi, Günbe-günden bolar ...» (Zelili). **71.** «... agzy-keramat» (nakyl). **72.** Bir zadyň gapdaly, golaýy. **74.** Meşhur aktýor Brýus .... **76.** Gelinleriň agzynyň üsti bilen aýlaýan gyňajujusy. **77.** «Göýä diýersiň» manysynda deňeşdirmegi aňlatmak üçin ulanylýan söz. **78.** Uçgun düşürýän gural. **79.** Halk hojalyk dolanyşygynyň düzüm bölegi hökmünde pul serişdeleri.

3-nji krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| K | Ö | Ý | T | E | N | D | A | G | | A | L | T | Y | N | D | E | P | E |
| Ö | Ň | E | | R | E | A | L | | B | | T | Ü | N | I | | L | E | B |
| L | I | | D | A | | L | | P | A | L | | M | | L | A | | L | E |
| E | | A | R | | D | | A | R | S | I | N | | D | | R | E | | T |
| G | A | R | A | G | U | M | | O | K | A | | D | Ü | Ş | E | K | Ç | E |
| E | | A | M | A | T | | Ö | Z | E | N | I | | K | I | N | E | | Ý |
| | A | | A | B | A | T | | A | T | A | | P | A | R | A | | Y | |
| L | Ý | A | | A | R | A | M | | B | | Ý | E | N | E | | A | N | A |
| A | N | B | A | R | | M | | G | O | L | | R | | J | O | R | A | P |
| K | | Y | G | A | L | | D | A | L | A | K | | L | E | N | Ç | | A |
| | A | W | Y | | A | H | U | N | | T | Ä | Z | E | | D | A | R | |
| A | | E | R | I | K | | B | A | T | O | N | | T | R | A | L | | J |
| G | A | R | Y | N | | D | | T | E | K | | Ö | | A | N | Y | R | A |
| A | Ý | D | | I | Ş | I | K | | L | | O | R | A | K | | K | I | M |
| | Y | | A | N | Y | K | | B | E | H | | I | D | E | G | | M | |
| E | | I | R | I | Ň | | D | I | K | A | N | | A | T | A | M | | B |
| T | O | R | A | Ň | Ň | Y | | D | E | L | | I | T | A | L | I | Ý | A |
| A | | I | Ç | | Y | | G | O | Ç | A | K | | Y | | A | S | | H |
| N | E | | A | Ý | | | | N | I | L | | | | A | T | | Ş | A |

## «Çelsiniň» 100 million ýewrolyk täze transferi




● Angliýanyň «Çelsi» kluby transfer üstüne transfer edýär. Londonlylar «Arsenal» klubunyň hem nazarynda bolan ukrainaly futbolçy Mihailo Mudryk bilen düzümini güýçlendirdi. «Çelsi» topary bu transfer üçin «Şahtýor Donesk» toparyna 70+30 million ýewro berer. 22 ýaşyndaky winger «Çelsi» bilen futbolda juda seýrek duş gelýän möhlet bolan 8,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Mudryk «Çelsiniň» şu gyşky transfer möwsümindäki 5-nji transferi bolup, ol Griliş, Lukaku we Pogbadan soň «Premier Liganyň» iň gymmat 4-nji futbolçysy hökmünde hasaba alyndy. «Çelsiniň» 2-nji iň gymmat transferi bolan Mudryk täze klubunda 15-nji belgili köýnekçäni geýer. Mudryk «Şahtýorda» şu möwsümde 12 oýunda 7 gol geçirdi. Ol Çempionlar Ligasynda-da 3 gezek tapawutlanypdy. Mudryk «Çelsiden» ýyllyk 7,5 million ýewro hak alar. Şeýle-de, Mudryk «Çelsiniň» täze eýeleriniň düzümine goşan 13-nji futbolçysy boldy.

● Angliýanyň «Premier Ligasynyň» wekili «Wulwerhempton» topary PSŽ-niň ispaniýaly ýarymgoragçysy Pablo Sarabiýany düzümine goşdy. Iňlis kluby 30 ýaşyndaky oýunçy bilen 2,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Sarabiýanyň transferi üçin «Wulwerhempton» topary PSŽ toparyna 5 million ýewro berer. Geçen möwsümde «Sportingde» 45 oýunda 21 gol geçiren Sarabiýa şu möwsümiň ilkinji ýarymynda PSŽ-de 14 duşuşykda meýdança çykdy. «Real Madridiň» ýaşlar düzüminde futbola başlan Sarabiýa «Hetafe», «Sewilýa» klublarynda-da oýnapdy.

● 26 ýyldan soň «Premier Liga» dolanan «Nottingam Forest» topary gyşdaky transfer möwsümindäki ilkinji transferini amala aşyrdy. Topar Braziliýanyň «Palmeiras» klubundan 21 ýaşly ýarymgoragçy Danilony düzümine goşdy. «Nottingam Forest» topary braziliýaly oýunçy üçin «Palmeirasa» 20 million ýewro berer. Geçen möwsümde 28 oýunda 1 gol geçiren Danilo «Nottingam Forestiň» «Premier Liga» çykanyndan soňky, ýagny tomusdan bäri 25-nji transferi hökmünde hasaba alyndy.

# FIFA 2022-nji ýylyň ökdelerini saýlaýar

Dünýä futbolynyň hojaýyny FIFA «The Best FIFA Football» baýraklarynyň dalaşgärleriniň sanawyny mälim etdi. FIFA futbolçydyr tälimçileriň 2021-nji ýylyň 8-nji awgustyndan – 2022-nji ýylyň 18-nji dekabryna çenli aralykdaky döwürde görkezen netijelerini hasaba alyp, ýeňijileri şoňa görä kesgitlär.

Erkekdir zenanlaryň arasynda aýratynlykda iň gowy futbolçy baýragyna hersinden 14 dalaşgär sanawa alyndy. Erkekleriň arasynda Messi, Alwares, Mbappe, Neýmar, Benzema, Mane, Salah, Lewandowski, Holann, Winisius, Modriç, Hakimi, De Bruýne, Bellingam dalaşgär görkezildi. Zenanlardan hem Putellas, Bonmati, Aleks Morgan, Bet Mid, Säm Kerr ýaly degişli döwürde öňe saýlanan futbolçylar dalaşgärlige hödürlendi. Şeýle-de, ýylyň tälimçisi, zenan futbolynda ýylyň tälimçisi, ýylyň erkek hem-de zenan derwezeçisi baýraklarynyň dalaşgärleri, şol sanda ýylyň iň owadan goluna berilýän Puşkaş baýragynyň dalaşgärleri hem mälim edildi. 7 ugur boýunça beriljek baýraklaryň dalaşgärleriniň sanawy fewral aýyndan öň 3-e düşüriler. FIFA ähli baýraklaryň ýeňijilerini 27-nji fewralda Sürihde geçiriljek dabarada mälim eder.







**Ýylyň erkek futbolçysy baýragynyň dalaşgärleri:**
Hulian Alwares (Argentina — «Riwer Pleýt»/«Mançester Siti»)
Jud Bellingam (Angliýa — «Borussiýa D»)
Karim Benzema (Fransiýa — «Real Madrid»)
Kewin De Bruýne (Belgiýa — «Mançester Siti»)
Erling Holann (Norwegiýa — «Borussiýa D»/«Mançester Siti»)
Aşraf Hakimi (Marokko — PSŽ)
Robert Lewandowski (Polşa — «Bawariýa»/«Barselona»)
Sadio Mane (Senegal — «Liwerpul»/«Bawariýa»)
Kilian Mbappe (Fransiýa — PSŽ)
Lionel Messi (Argentina — PSŽ)
Luka Modriç (Horwatiýa — «Real Madrid»)
Neýmar (Braziliýa — PSŽ)
Mohamed Salah (Müsür — «Liwerpul»)
Winisius Junior (Braziliýa — «Real Madrid»)

**Ýylyň erkek tälimçisi baýragynyň dalaşgärleri:**
Karlo Ançelotti (Italiýa — «Real Madrid»)
Didie Deşam (Fransiýa — Fransiýanyň milli ýygyndysy)
Pep Guardiola (Ispaniýa — «Mançester Siti»)
Walid Regragui (Marokko — «Wydad»/Marokkonyň milli ýygyndysy)
Lionel Skaloni (Argentina — Argentinanyň milli ýygyndysy)

**Ýylyň erkek derwezeçisi baýragynyň dalaşgärleri:**
Alisson Beker (Braziliýa — «Liwerpul»)
Ýassin Bunu (Marokko — «Sewilýa»)
Tibo Kurtua (Belgiýa — «Real Madrid»)
Ederson (Braziliýa — «Mançester Siti»)
Emiliano Martines (Argentina — «Aston Willa»)

**Ýylyň zenan futbolçysy baýragynyň dalaşgärleri:**
Aitana Bonmati (Ispaniýa — «Barselona»)
Debinia (Braziliýa — «Nort Karolaýna Koraj»)
Jessi Fleming (Kanada — «Çelsi»)
Ada Hegerberg (Norwegiýa — «Lion»)
Säm Kerr (Awstraliýa — «Çelsi»)
Bet Mid (Angliýa — «Arsenal»)
Wiwianne Miedema (Niderlandlar – «Arsenal»)
Aleks Morgan (ABŞ — «Orlando Praýd»/«San Diego Weýw»)
Lena Oberdorf (Germaniýa — «Wolfsburg»)
Aleksandra Popp (Germaniýa — «Wolfsburg»)
Aleksia Putellas (Ispaniýa — «Barselona»)
Wendi Renar (Fransiýa — «Lion»)
Kira Wolş (Angliýa — «Mançester Siti»/«Barselona»)
Lea Williamson (Angliýa — «Arsenal»)

**Ýylyň zenan tälimçisi baýragynyň dalaşgärleri:**
Sonia Bompastor (Fransiýa — «Lion»)
Emma Haýes (Angliýa — «Çelsi»)
Bew Pristman (Angliýa — Kanadanyň zenanlar milli ýygyndysy)
Pia Sandhej (Şwesiýa — Braziliýanyň zenanlar milli ýygyndysy)
M. Woss-Teklenburg (Germaniýa — Germaniýanyň zenanlar milli ýygyndysy)
Sarina Wiegman (Niderlandlar — Angliýanyň zenanlar milli ýygyndysy)

**Ýylyň zenan derwezeçisi baýragynyň dalaşgärleri:**
Ann-Katrin Berger (Germaniýa — «Çelsi»)
Meri Irps (Angliýa — «Mançester Ýunaýted»)
Kristiane Endler (Çili — «Lion»)
Merle Froms (Germaniýa — «Aýntraht»/«Wolfsburg»)
Alissa Naer (ABŞ — «Çikago Red Stars»)
Sandra Panýos Garsiýa-Wilýamil (Ispaniýa — «Barselona»)

# Ispaniýada «Barselona», Italiýada «Inter»

Ispaniýanyň Super Kubogyna (Super copa de Espana) «Barselona» topary mynasyp boldy. Katalonlar Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýaddaky Şa Fahd stadionynda 57 müň 340 janköýeriň şaýatlygynda oýnalan finalda «Real Madridi» 3-1 hasabynda ýeňlişe



sezewar etdi. «Barselonanyň» doly artykmaçlygynda geçen oýunda 33-nji minutda Lewandowskiniň pasyndan soň Gawi, 45-nji minutda Gawiniň pasyndan soň Lewandowski, 69-njy minutda-da ýene-de Gawiniň pasyndan soň Pedri tapawutlandy. «Real Madridiň» ýeke-täk goluny 90+3-nji minutda Karim Benzema geçirdi. Şunlukda, 3-1 hasabynda ýeňşini baýram eden «Barselona» 4 ýyldan soň 14-nji gezek bu kubogy gazandy. Bu ugurda «Real Madrid» 12 kubok bilen 2-nji ýeri eýeleýär.

Hawi «Barselonanyň» tälimçisi hökmünde ilkinji kubogyny gazandy. «Real Madridiň» tälimçisi Karlo Ançelotti bolsa 13 ýyldan soň ilkinji sapar finalda utuldy. Italiýaly hünärmen soňky gezek 2010-njy ýylda «Çelsi» bilen «Mançester Ýunaýtedden» Angliýanyň Super Kubogy duşuşygynda asgyn gelipdi. «Barselonanyň» ýarymgoragçysy Buskets 45-nji gezek «El Klasikoda» çykyş edip, bu ugurda Serhio Ramosyň rekordyna şärik boldy.

Ispaniýanyň Super Kubogy duşuşygy 4-nji gezek ýarym final we final görnüşde geçirildi. 3-nji gezek Saud Arabystanynda geçirilen ýaryşda ýeňijä araplar 2 million ýewro pul baýragyny berer. Finalçy 1,4, ýarym finalda utulanlar bolsa 800 müň ýewro pul baýragy bilen sylaglanar.

**«MILAN» BILEN DEŇLEŞDI**

● Italiýanyň 35-nji Super Kubogy duşuşygynda çempion «Milan» bilen Italiýanyň Kubogynyň eýesi «Inter» duşuşdy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýaddaky Şa Fahdyň adyny göterýän halkara stadionda oýnalan Milan şäher derbi duşuşygynda «Inter» köne bäsdeşini 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Intere» ýeňiş getiren gollary 10-njy minutda Federiko Dimarko, 21-nji minutda Edin Jeko hem-de 77-nji minutda Lautara Martines geçirdi. Şunlukda, «Inter» topary bassyr 2-nji,




umumylykda-da 7-nji gezek bu kubogy eýeläp, «Milan» bilen deňleşdi. Bu kubogy iň köp «Ýuwentus» gazanyp, turinliler 9 gezek ýeňiji boldy. «Interiň» tälimçisi Simone Inzagi bolsa 4-nji gezek ýurduň Super Kubogyny gazanmagy başardy. Ol «Interden» öň «Lasio» bilenem bu hormata 2 gezek mynasyp bolupdy. 46 ýaşyndaky hünärmen bu ugurda Fabio Kapello hem-de Marçelo Lippiniň hataryna goşuldy.

# 150 günde 150 marafon – dünýä rekordy

**Awstraliýaly ylgaýjy zenan Erçeýn Mýurraý-Bartlett özboluşly rekord goýdy. Ol yzyny üzmän 150 günde 150 marafon ylgawyny tamamlap, bu ugurda taryhy rekord goýmagy başardy. Bu ugurda ozalky rekord 106 günde 106 marafon ylgan britaniýaly Keýt Jeý-**



**dene degişlidi (2021). Erçeýn Mýurraý-Bartlett şol 150 günde 6300 kilometr aralygy geçdi. 32 ýaşyndaky türgen 16-njy ýanwarda özüniň 150-nji marafonyny ylgady. Şondan 150 gün öň ýurduň demirgazygyndan başlan Erçeýn Mýurraý-Bartlett sişenbe güni Melburn şäherinde öz rekordyny tamamlady. Ol 150-nji marafonyndan soň:**

**— Awstraliýa diýseň ajaýyp, owadan ýurt. Meniň ylgamagymdaky esasy maksatlarymyň biri-de ýurduň owadan tebigatyny, ýurtdaky biodürlüligi dünýä görkezmek boldy. Milli seýilgählere, Beýik Barrier rifine, şol sanda dürli tagamlarymyza dünýäniň ünsüni çekmek isledim — diýip, beýanat berdi.**

**Türgene «Wilderness Society» jemgyýetçilik guramasy tarapyndan 82 130 amerikan dollarlyk pul sowgady hem berildi.**

## Bir sözlemde...

› Sannili typmak boýunça Latwiýada geçirilen Ýewropa çempionatynda ýekeleýin ýaryşlarda germaniýaly türgenler – erkekleriň arasynda Maks Langenan, zenanlardan Anna Berreiter, erkekleriň arasyndaky jübütleýin bäsleşikde Tobias Wendl bilen Tobias Arlt, zenanlaryň arasyndaky jübütleýin ýaryşda-da italiýaly Andrea Wotter bilen Marion Oberhfer, toparlaýyn bäsleşikde-de latwiýalylar ýeňiş gazandy.

› NBA-da «Los Anjeles Leýkersiň» ýyldyzy LeBron Jeýms soňky 2 duşuşygynda geçiren utuklary bilen 38 müň utukdan geçip (38 072 utuk), ol Karim Abdul-Jabbardan (38 387 utuk) soň bu görkezijä ýeten 2-nji basketbolçy hökmünde hasaba alyndy.

› Formula E boýunça möwsümiň ilkinji ýaryşy Mehiko Siti «E-Prisinde» «Andretti-Porsche» toparynyň britan sürüjisi Jeýk Dennis ýeňiş gazanyp, ol germaniýaly Paskal Werleinden («Porsche») hem-de braziliýaly Lukas di Grassiden («Mahindra») öňe saýlandy.

# 45-nji DAKAR RALLISI TAMAMLANDY

















Dünýäniň iň kynçylykly ýaryşlarynyň biri bolan Dakar Rallisi tamamlandy. 45-nji gezek geçirilen Dakar Ralli ýaryşy bu ýyl Saud Arabystanynda guraldy. Iki hepdeden gowrak wagt dowam eden ýaryşda ýeňil awtoulag sürüjileriniň arasynda çempion üýtgemedi. «Red Bull» toparynyň adyndan çykyş eden katarly Nasser Al-Attiýa özüniň «Toyota GR DKR Hilux» kysymly ulagy bilen bassyr 2-nji, umumylykda 5-nji gezek Dakaryň ýeňijisi boldy. 14 tapgyryň 3-sinde ýeňiş gazanan Al-Attiýa 45 sagat 03 minut 15 sekuntda pellehana geldi. «Prodrive» kysymly ulag bilen ýaryşa gatnaşan fransiýaly Sebastian Lýob ýeňijiden 1 sagat 2 minut 49 sekunt az netije görkezdi. Braziliýaly Lukas Moraes («Toyota») ýaryşy 3-nji orunda tamamlady.

Motosiklçileriň arasynda «Red Bull» toparynyň argentinaly sürüjisi Kewin Benawides özüniň KTM kysymly motosikli bilen 44 sagat 27 minut 20 sekuntda pellehana gelip, 1-nji orny eýeledi. Bu onuň ikinji çempionlygy bolup, ol 2021-nji ýylda-da çempionlyk gazanypdy. Kewin Benawides soňky 2 tapgyrda ýeňiş gazanyp, umumy sanawda öňe saýlandy. Soňky tapgyra çenli umumy sanawda 1-nji orunda bolan 2016-njy we 2019-njy ýyllaryň çempiony, awstraliýaly Tobi Praýs (KTM) 2-nji ýer bilen kanagatlanmaly boldy. Ol ýeňijiden 43 sekunt az netije görkezdi. Amerikaly Skaýler Howes («Husqvarna») 3-nji orna mynasyp boldy.

Ýük ulaglary sürüjileriniň arasynda «Iveco PowerStar» kysymly ulaglary bilen niderlandly Ýanus Wan Kasteren we ekipažy (Darek Rodewald, Marsel Sniýders) ýeňiş gazandy. «Kamaz» toparynyň çykyş etmedik ýaryşynda «Iveco» 3-nji gezek Dakaryň ýeňijisi boldy. 3 tapgyrda ýeňiş gazanan Wan Kasteren 54 sagat 03 minut 33 sekuntda pellehana gelip ýetdi. Bäsleşige şowly başlan çehiýaly Martin Maçik (Iveco) 2-nji, başga bir niderlandly sürüji Martin Wan Den Brink 3-nji ýeri eýeledi.

Kwadrasikılçileriň bäsleşiginde fransiýaly «Yamaha Raptor 700» kysymly ulagy bilen gatnaşan Aleksandr Žiru bu ýylda-da ýeňiş gazandy. Başdan-aýak öňe saýlanan Žiruny görkezen netijesi 56 sagat 44 minut 30 sekunda deň boldy. Argentinaly Fransisko Moreno Floresiň bassyr ikinji gezek 2-nji bolan ýaryşynda amerikaly Pablo Kopetti 3-nji ýola münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.

Ýeňil prototip (T3) görnüşli ulaglaryň sürüjileriniň ýaryşynda amerikaly Ostin Jeýmse taý tapylmady. Ol 51 sagat 55 minut 53 sekuntda ýaryşy tamamlady. SSVs (T4) görnüşli ulaglaryň sürüjileriniň arasynda polşaly Erik Goçzal 53 sagat 10 minut 13 sekuntda pellehana gelip, litwaly Rokas Basiuşkadan hem-de öz dogany Marek Goçzaldan öňe saýlandy.

Nusgawy ulaglaryň sürüjileriniň bäsleşiginde-de ispaniýaly Huan Morera 1-nji, watandaşy Karlos Santaolalla 2-nji hem-de italiýaly Paolo Bedeski 3-nji ýeri eýeledi.

### PREMIER LEAGUE (20) — 21 gol

**Aston Willa—Lids: 2–1** (Beýli 3, Buendia 64 — Bemford 83), **M. Ýunaýted—M. Siti: 2–1** (Bruno Fernandeş 78, Reşford 83 — Griliş 60), **Braýton—Liwerpul: 3–0** (Març 47, 53, Welbek 82), **Ewerton—Southempton: 1–2** (Onana 39 — Ward-Prouz 43, 78), **Nottingam—Lester: 2–0** (Jonson 56, 85), **Wulwerhempton—West Ham: 1–0** (Podense 48), **Brentford—Bornmut: 2–0** (Touni 39 p, Ýensen 75), **Çelsi—K. Palas: 1–0** (Hawerts 64), **Nýukasl—Fulham: 1–0** (Isak 89), **Tottenham—Arsenal: 0–2** (Lloris 14 ö.d., Edegor 36)

### LA LIGA (17) — 19 gol

**Selta—Wilýarreal: 1–1** (Strand Larsen 68 — Moreno 15), **Walýadolid—Raýo Wallekano: 0–1** (Palason 65), **Žirona—Sewilýa: 2–1** (Stuani 46, Herrera 88 — Nianzu 13), **Osasuna—Malýorka: 1–0** (Oros 47), **Real Sosiedad—Atletik: 3–1** (Serlot 25, Kubo 37, Oýarzabal 62 p — Sanset 40), **Hetafe—Espanýol: 1–2** (Ünal 7 — Hoselu 6, Puado 62), **Almeriýa—Atletiko: 1–1** (Ture 37 — Korrea 18), **Kadiz—Elçe: 1–1** (Okampo 7 — Ponse 81), **Betis—Barselona** (1-nji fewral), **Real Madrid—Walensiýa** (2-nji fewral)

### SERIE A (18) — 35 gol

**Napoli—Ýuwentus: 5–1** (Osimhen 14, 65, Kwarasheliýa 39, Rrahmani 55, Elmas 72 — Di Mariýa 42), **Kremoneze—Monza: 2–3** (Çiofani 67, Dessers 83 — Çurria 8, Kaprari 19 p, 55), **Leçç̧e—Milan: 2–2** (Hernandes 3 ö.d., Baskirotto 23 — Leao 58, Kalabriýa 71), **Inter—Werona: 1–0** (Martines 3), **Sassuolo—Lasio: 0–2** (Zakkani 45+3 p, Anderson 90+4), **Udineze—Bolonýa: 1–2** (Beto 10 — Sansone 59, Poş 80), **Torino—Spesiýa: 0–1** (Nzola 28 p), **Atalanta—Salernitana: 8–2** (Boga 5, Lukmen 20 p, 54, Skalwini 23, Koopmeýners 38, Hoýlunn 41, Ederson 61, Zortea 85 — Dia 10, Nikolussi-Kawilýa 56), **Roma—Fiorentina: 2–0** (Dibala 40, 82), **Empoli—Sampdoriýa: 1–0** (Ebeýi 55)

### LIGUE 1 (19) — 31 gol

**Lans—Oser: 1–0** (Frankowski 59), **Marsel—Loriýan: 3–1** (Kolaşinas 38, Sançes 53, Weretu 59 – Moffi 29), **Lion—Strasbur: 1–2** (Lakazett 45+1 p — Aolu 29, Diallo 32), **Lill—Trua: 5–1** (Baýo 15, 47, Dewid 45+2, 88, Wiržinius 75 — Balde 65), **Anže—Klermon: 1–2** (Bufal 80 — Raşani 40, Boržes 49), **Monpelie—Nant: 0–3** (Žirotto 45+13, Mohamed 81, Blas 84), **Reýms—Nissa: 0–0,** **Tuluza—Brest: 1–1** (Abuhlal 65 — Munie 18), **Monako—Aýaçço: 7–1** (Disasi 2, Diatta 6, Ben Ýedder 21, 28, 35 p, Embolo 63, 89 — Belaili 11), **Renn—PSŽ: 1–0** (Traore 65)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 18 | 15 | 2 | 1 | 42-14 | 47 |
| 2 | MAN. SITI | 18 | 12 | 3 | 3 | 46-18 | 39 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 19 | 12 | 3 | 4 | 30-22 | 39 |
| 4 | NÝUKASL | 19 | 10 | 8 | 1 | 33-11 | 38 |
| 5 | TOTTENHAM | 19 | 10 | 3 | 6 | 37-27 | 33 |
| 6 | FULHAM | 20 | 9 | 4 | 7 | 32-29 | 31 |
| 7 | BRAÝTON | 18 | 9 | 3 | 6 | 35-25 | 30 |
| 8 | BRENTFORD | 19 | 7 | 8 | 4 | 32-28 | 29 |
| 9 | LIWERPUL | 18 | 8 | 4 | 6 | 34-25 | 28 |
| 10 | ÇELSI | 19 | 8 | 4 | 7 | 22-21 | 28 |
| 11 | ASTON WILLA | 19 | 7 | 4 | 8 | 22-27 | 25 |
| 12 | K. PALAS | 19 | 6 | 5 | 8 | 18-27 | 23 |
| 13 | NOTTINGAM | 19 | 5 | 5 | 9 | 15-34 | 20 |
| 14 | LESTER | 19 | 5 | 2 | 12 | 26-33 | 17 |
| 15 | LIDS | 18 | 4 | 5 | 9 | 26-33 | 17 |
| 16 | W. HEMPTON | 19 | 4 | 5 | 10 | 12-27 | 17 |
| 17 | BORNMUT | 19 | 4 | 4 | 11 | 18-41 | 16 |
| 18 | WEST HAM | 19 | 4 | 3 | 12 | 15-25 | 15 |
| 19 | EWERTON | 19 | 3 | 6 | 10 | 15-26 | 15 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 19 | 4 | 3 | 12 | 17-34 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 21 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 15 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 13 |
| 4 | Aleksandar MITROWIÇ (Fulham) | 11 |
| 5 | RODRIGO (Lids) | 11 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 16 | 13 | 2 | 1 | 35-6 | 41 |
| 2 | REAL MADRID | 16 | 12 | 2 | 2 | 36-16 | 38 |
| 3 | R. SOSIEDAD | 17 | 11 | 2 | 4 | 26-18 | 35 |
| 4 | ATLETIKO | 17 | 8 | 4 | 5 | 24-16 | 28 |
| 5 | WILÝARREAL | 17 | 8 | 4 | 5 | 20-13 | 28 |
| 6 | BETIS | 16 | 8 | 4 | 4 | 19-13 | 28 |
| 7 | OSASUNA | 17 | 8 | 3 | 6 | 17-16 | 27 |
| 8 | ATLETIK B | 17 | 7 | 5 | 5 | 25-17 | 26 |
| 9 | R. WALLEKANO | 17 | 7 | 5 | 5 | 24-20 | 26 |
| 10 | MALÝORKA | 17 | 6 | 4 | 7 | 14-16 | 22 |
| 11 | ŽIRONA | 17 | 5 | 6 | 6 | 26-27 | 21 |
| 12 | WALENSIÝA | 16 | 5 | 4 | 7 | 23-18 | 19 |
| 13 | ALMERIÝA | 17 | 5 | 3 | 9 | 18-26 | 18 |
| 14 | ESPANÝOL | 17 | 3 | 8 | 6 | 21-26 | 17 |
| 15 | HETAFE | 17 | 4 | 5 | 8 | 16-24 | 17 |
| 16 | SELTA | 17 | 4 | 5 | 8 | 17-28 | 17 |
| 17 | WALÝADOLID | 17 | 5 | 2 | 10 | 13-25 | 17 |
| 18 | KADIZ | 17 | 3 | 7 | 7 | 12-28 | 16 |
| 19 | SEWILÝA | 17 | 3 | 6 | 8 | 17-26 | 15 |
| 20 | ELÇE | 17 | 0 | 5 | 12 | 11-35 | 5 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 13 |
| 2 | HOSELU (Espanýol) | 10 |
| 3 | Borha IGLESIAS (Betis) | 8 |
| 4 | Wedat MURIKI (Malýorka) | 8 |
| 5 | Ýago ASPAS (Selta) | 8 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 18 | 15 | 2 | 1 | 44-14 | 47 |
| 2 | MILAN | 18 | 11 | 5 | 2 | 35-20 | 38 |
| 3 | ÝUWENTUS | 18 | 11 | 4 | 3 | 27-12 | 37 |
| 4 | INTER | 18 | 12 | 1 | 5 | 38-24 | 37 |
| 5 | LASIO | 18 | 10 | 4 | 4 | 31-15 | 34 |
| 6 | ATALANTA | 18 | 10 | 4 | 4 | 34-20 | 34 |
| 7 | ROMA | 18 | 10 | 4 | 4 | 23-16 | 34 |
| 8 | UDINEZE | 18 | 6 | 7 | 5 | 26-21 | 25 |
| 9 | TORINO | 18 | 6 | 5 | 7 | 18-20 | 23 |
| 10 | FIORENTINA | 18 | 6 | 5 | 7 | 21-24 | 23 |
| 11 | EMPOLI | 18 | 5 | 7 | 6 | 16-22 | 22 |
| 12 | BOLONÝA | 18 | 6 | 4 | 8 | 23-29 | 22 |
| 13 | MONZA | 18 | 6 | 3 | 9 | 22-27 | 21 |
| 14 | LEÇÇE | 18 | 4 | 8 | 6 | 18-20 | 20 |
| 15 | SALERNITANA | 18 | 4 | 6 | 8 | 23-35 | 18 |
| 16 | SPESIÝA | 18 | 4 | 6 | 8 | 17-28 | 18 |
| 17 | SASSUOLO | 18 | 4 | 4 | 10 | 17-28 | 16 |
| 18 | WERONA | 18 | 2 | 3 | 13 | 15-31 | 9 |
| 19 | SAMPDORIÝA | 18 | 2 | 3 | 13 | 12-31 | 9 |
| 20 | KREMONEZE | 18 | 0 | 7 | 11 | 13-32 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 12 |
| 2 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 9 |
| 3 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 9 |
| 4 | Lautara MARTINES (Inter) | 9 |
| 5 | Rafael LEAO (Milan) | 8 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 19 | 15 | 2 | 2 | 48-14 | 47 |
| 2 | LANS | 19 | 13 | 5 | 1 | 32-13 | 44 |
| 3 | MARSEL | 19 | 13 | 3 | 3 | 39-16 | 42 |
| 4 | MONAKO | 19 | 11 | 4 | 4 | 42-26 | 37 |
| 5 | RENN | 19 | 11 | 4 | 4 | 36-20 | 37 |
| 6 | LILL | 19 | 10 | 4 | 5 | 35-25 | 34 |
| 7 | LORIÝAN | 19 | 9 | 5 | 5 | 31-29 | 32 |
| 8 | KLERMON | 19 | 8 | 4 | 7 | 24-27 | 28 |
| 9 | LION | 19 | 7 | 4 | 8 | 28-23 | 25 |
| 10 | NISSA | 19 | 6 | 7 | 6 | 22-20 | 25 |
| 11 | REÝMS | 19 | 5 | 10 | 4 | 21-23 | 25 |
| 12 | TULUZA | 19 | 6 | 5 | 8 | 29-34 | 23 |
| 13 | NANT | 19 | 4 | 9 | 6 | 21-24 | 21 |
| 14 | TRUA | 19 | 4 | 6 | 9 | 30-40 | 18 |
| 15 | MONPELIE | 19 | 5 | 2 | 12 | 28-40 | 17 |
| 16 | STRASBUR | 19 | 2 | 9 | 8 | 24-34 | 15 |
| 17 | BREST | 19 | 3 | 6 | 10 | 19-34 | 15 |
| 18 | AÝAÇÇO | 19 | 4 | 3 | 12 | 16-34 | 15 |
| 19 | OSER | 19 | 3 | 4 | 12 | 16-41 | 13 |
| 20 | ANŽE | 19 | 2 | 2 | 15 | 17-41 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 13 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 12 |
| 3 | Terem MOFFI (Loriýan) | 12 |
| 4 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 11 |
| 5 | NEÝMAR (PSŽ) | 11 |

# «ARSENAL» HEM-DE «NAPOLI» ARANY AÇÝAR

Angliýanyň çempionatynda çempionlyga täsirini ýetirip biljek 2 derbi duşuşygy oýnaldy. Olaryň ilkinjisinde «Mançester Ýunaýted» şäheriň beýleki kluby «Mançester Sitini» garşydaşynyň 1–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Gollarynyň biri jedelli bolan «Ýunaýtediň» adyndan Bruno Fernandeş bilen Markus Reşford, «Sitiniň» adyndanam Griliş tapawutlandy. Demirgazyk London derbisinde-de «Arsenal» myhmançylykda «Tottenhamdan» 2–0 hasabynda üstün çykdy. Topçulara ýeňiş getiren gollary Lloris (ö.d.) bilen Edegor geçirdi. Bu duşuşyklardan soň «Arsenal» 2-nji ýerdäki «Siti» bilen utuk aratapawudyny 8-e çykardy. «Nýukaslyň» soňky minutlarda «Fulhamy» 1–0 hasabynda ýeňen tapgyrynda «Çelsi» hem iň kiçi hasap bilen «Kristal Palasy» utdy. Möwsüme juda şowsuz başlan «Liwerpul» myhmançylykda «Braýtondan» 3–0 utulyp, öňdäki dörtlükden daşlaşdy.




Italiýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Napoli» öz meýdançasynda «Ýuwentusy» taryhy hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. 5–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Napoliniň» gollaryny Osimhen (2), Kwarasheliýa, Rrahmani hem-de Elmas geçirdi. «Napoli» topary «Ýuwentusyň» derwezesinden 1988-nji ýyldan soň 2-nji gezek 5 gol geçirdi. Şeýle-de, şu duşuşyga çenli 8 oýunlap ýeňiş gazanyp gelýän «Ýuwentus» topary 1993-nji ýyldan soň ilkinji gezek çempionatda 1 oýunda 5 gol geçirtdi. Soňky çempion «Milan» topary «Romadan» soň «Leçç̧e» bilen hem 2–2 deňme-deň oýnady. «Interiň» «Weronany» Martinesiň ýeke-täk goly bilen ýeňen tapgyrynda «Atalanta» öz meýdançasynda «Salernitanany» 8–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Roma» bolsa öz meýdançasynda «Fiorentinany» Dibalanyň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy.



Fransiýanyň çempionatynda sanawyň lideri PSŽ myhmançylykda «Rennden» 1–0 asgyn gelip, şu möwsümde 2-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. 2-nji ýerdäki «Lans» hem şol hasap bilen «Oserden» üstün çykdy. Yzygiderli 5-nji ýeňşini gazanan «Marsel» öz meýdançasynda «Loriýany» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ben Ýedderiň 3, Embolonyň 2 gol geçiren oýnunda «Monako» öz meýdançasynda «Aýaççony» 7-1 hasabynda ýeňdi. «Lill» hem «Truany» 5-1 hasabynda utdy. Duşuşykda Baýo bilen Dewid 2 gezek tapawutlandy.

Ispaniýanyň çempionatynda Bask derbisinde «Real Sosiedad» öz meýdançasynda «Atletik» toparyndan 3–1 üstün çykdy. «Žironadan» 2–1 hasabynda asgyn gelen «Sewilýa» 19-njy orna düşdi. Iň aşaky basgançakda barýan «Elçe» topary 17-nji tapgyrda-da ýeňiş gazanyp bilmedi. Madridiň «Atletiko» kluby myhmançylykda «Almeriýa» bilen 1–1 deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdy. Çempion «Real Madrid» bilen sanawyň lideri «Barselonanyň» bu tapgyrdaky duşuşyklary Super Kubok sebäpli fewral aýyna geçirildi.

**NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:**

***20-nji ýanwar:*** Leipsig – Bawariýa (00:30).
***21-nji ýanwar:*** **Liwerpul – Çelsi (17:30).**

***22-nji ýanwar:*** Feýenoord – Aýaks (18:30). Man. Siti – Wulwerhempton (19:00), Borussiýa D – Augsburg (19:30), **Arsenal – M. Ýunaýted (21:30)**, Barselona – Hetafe (22:30), Ýuwentus – Atalanta (00:45), Atletik – Real Madrid (01:00).

***23-nji ýanwar:*** Fulham – Tottenham (01:00).
***24-nji ýanwar:*** **Lasio – Milan (00:45).**




HALKARA AWTOULAG SERGISI

14-nji ýanwardan 22-nji ýanwara çenli dowam edýän serginiň bu ýyl resmi ýagdaýda 100 ýyllygy bellenilýär.

# Bir asyrlyk awtoulag sergisi

Belgiýanyň paýtagty Brýusselde halkara awtoulag sergisi geçirilýär. Belgiýa Awtoulag federasiýasy (FEBIAC) tarapyndan «Expo Center» sergiler merkezinde guralýan halkara çäre 14-nji ýanwardan 22-nji ýanwara çenli dowam edýär. Gözden geçirilişe dünýäniň öňdebaryjy awtoulag öndürijileriniň ähli-si diýen ýaly gatnaşýar. Bu ýyl serginiň resmi ýagdaýda 100 ýyllygy hem bellenilýär. Sergi 2021-nji ýylda «Covid-19» pandemiýasy sebäpli geçirilmändi. Umumy meýdany 100 müň inedördül metre barabar bolan sergi zallarynda ýüzlerçe ulag görkezilýär. Bu ýerde iň soňky awtoulaglar bilen bir hatarda ýolsuz ýerden ýöreýän kuwwatly ulaglary, ýük ulaglaryny, telekeçilik etmek üçin niýetlenen ulaglary, motosiklleri we olara degişli beýleki tehnologiýalary görmek bolýar.

Sergide elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglaryň agdyklyk edýändigini görmek bolýar. Bu ýerde «Volkswagen», «Peugeot», «Citroen», «Fiat», «Opel», «Alfa Romeo», DS, «Renault», «Dacia», «Honda», «Subaru», «Toyota», «Mazda», «Hyundai», «Ford», «Nissan», «Mercedes», BMW, «Audi», «Tesla», «Porche», «Bugatti», «Lamborghini» we «Bentley» ýaly kompaniýalar gündelik durmuşda ulanylýan, köpçülikleýin öndürilýän, şeýle hem az sanly öndürilýän superlýuks ulaglaryny görkezýärler. Sergide täze ulaglaryň tanyşdyrylyşy guralyp, ulaglar barada giňişleýin maglumat berilýär. Bu ýerde awtoulag satuwynyň hem amala aşyryljakdygy mälim edildi.

**ÝEWROPADA ÝYLYŇ AWTOULAGY SAÝLANDY**

● Serginiň çäklerinde Ýewropada ýylyň awtoulagy baýragy hem gowşuryldy. Baş baýraga «Jeep Avenger» elektroulagy mynasyp görüldi. Awtoulag senagatynyň abraýly baýragynda «Volkswagen ID.Buzz» hem-de «Nissan Ariya» degişlilikde ikinji we üçünji orunlary eýeledi.




Baýrak Brýussel awtoulag sergisiniň çäklerinde gowşurylýar. Emin agzalary 23 Ýewropa ýurdundan gatnaşýan 59 žurnalistden ybarat. Her bir emin agzasynyň jemi 25 bal bermäge hukugy bolup, bir ulaga iň köp 10 bal berip bilýär. Emin agzasy bahalandyrmasyna esas bolýan sebäbi hem mälim etmeli.

Birinji bolan «Jeep Avenger» jemi 328 bal aldy. «ID.Buzz» 241, «Nissan Ariya» 211 bal aldy. Beýleki dalaşgärler «Kia Niro» 200, «Renault Austral» 162, täze «Peugeot 408» 149 we «Subaru Solterra/Toyota bZ4X» 133 bala eýe boldy. Soňky basgançakda iki adyň bolmagy iki ulagyň deň bal alyp, şol bir ýeri paýlaşandygyny görkezmeýär.

Bu ulag Ýaponiýanyň «Toyota» kompaniýasynyň bütin dünýäde satuwa çykaryljak ilkinji elektroulagy bolup, «Subaru» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde öndürilýär. Bu elektroulag ýapon brendiniň 20 ýyla golaý wagtdan bäri öndürilýän we iň köp satylan modelleriniň biri bolan «RAV4»-iň has kuwwatly görnüşidir. Şol bir aýratynlygy bolan ulagy «Subaru» öz ady bilen, «Toyota» öz ady bilen çykarýar. «Toyota» 2021-nji ýylda «RAV4»-iň elektrik energiýasy bilen işlejek bu görnüşini tanyşdyranda «bZ» ady bilen çykaryljakdygyny mälim edipdi. Finala çykan ýedi dalaşgär mundan ozal Daniýada geçirilen bir hepdelik testiň we deslapky ses berlişigiň netijesinde saýlandy. Finala çykan ulaglar bolsa, emin agzalary tarapyndan Brýusseliň golaýyndaky «Jules Tacheny» trassada we adaty ýol hereketinde synagdan geçirildi. «Peugeot 408» we «Renault Astral» finala çykan gibrid ulaglar bolan bolsa, beýleki ulaglaryň ähli-si dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýär.

PSA toparynyň hem-de «Fiat Chrysler» toparynyň birleşmegi netijesinde emele gelen «Stellantis» konglomeraty tarapyndan öndürilýän «Jeep Avenger» kiçi görnüşli «Peugeot 208» platformasynda öndürilýär. «Jeep» maşgalasynyň iň kiçi SUV ulagydyr. Geçen ýylyň sentýabrynda satuwa çykarylan «Avenger» Polşada öndürilýär. Ulag Ýewropada 40 müň ýewrodan satylýar.

**Serginiň taryhyndan**

● Brýusseldäki awtoulag sergisi ilkinji gezek 1902-nji ýylda geçirilýär. Ilkibaşda her ýylda geçirilen sergi 1915-1919-njy ýyllar aralygynda geçirilmeýär. Soňky ýyllarda sergi halkara derejesine eýe bolýar. Şeýlelikde, bu çäräni guraýjylar şu ýyl resmi ýagdaýda onuň 100-nji ýylyny belleýärler. Sergä her ýylda 600 müň töweregi myhman baryp görýär.





# Awtoulag eksportynda öňe geçdi

Senagat taýdan ösen ýurtlaryň biri bolan Hytaý awtoulag eksportyny artdyrýar. Geçen ýyl daşary ýurtlara 3 million 110 müň ulag eksport edilipdir. Ýurduň eksporty 54 göterim ýokarlanyp, bu ugurda Germaniýadan ozup, ikinji orna çykdy. Bu barada ýurduň Awtoulag öndürijileri bileleşigi habar berýär. Germaniýa geçen ýyl eksportyny 2021-nji ýyldakydan 10 göterim köpelden hem bolsa, awtoulag eksportynda üçünji orna düşdi. Ýurt 2 million 610 müň ulagy eksport edipdir. Sanawyň ýokary basgançagyny bolsa Ýaponiýa eýeleýär. Uzak Gündogar ýurdy 2021-nji ýylda daşary ýurtlara 3 million 820 müň ulag iberen bolsa, geçen ýylyň 11 aýynda 3,2 milliondan gowrak ulag eksport edipdir.

Bilermenler Hytaýyň awtoulag senagatyndaky ösüşiniň ýurdy ýakyn geljekde birinji orna çykarjakdygyny belleýärler. Hytaý 2030-njy ýyla çenli jemi 5,5 million awtoulag eksport edip, onuň 2,5 millionynyň elektroulag boljakdygy bellenilýär.

Hytaýyň iň uly awtoulag öndürijileriniň biri bolan BYD 2022-nji ýylda «Tesla»-dan ozdurup, dünýäniň iň köp elektroulag öndüren kompaniýasy boldy. Maglumatlara görä, bu kompaniýa ýylyň dowamynda 911 müňden gowrak doly elektrik energiýasy bilen işleýän, 946 müňden gowrak zarýad berip bolýan gibrid elektroulag satdy. Diňe elektroulag öndürýän «Tesla» bolsa 1,3 milliondan gowrak elektroulag satypdyr. Hytaýyň içerki bazary hem elektroulaglar üçin uly mümkinçilik döredýär. Onlarça köp ilatly şäheri bolan Hytaýda elektroulag öndürijilerine we müşderilerine ýeňillikler döredilýär. Ýurtda ululy-kiçili 200 töweregi elektroulag öndüriji kompaniýa bar.

**Arzan bahaly elektroulag taýýarlaýar**

● BYD kompaniýasy elýeterli bahadan täze ulagyny taýýarlaýar. Bu modeliň bahasynyň 15 müň dollardan arzan hem-de 2021-nji ýylda çykarylan «BYD Dolphin»-den has kiçi bolmagyna garaşylýar. «BYD Seagull» atly ulag şu ýylyň dowamynda hytaý bazaryna hödürlener. Kompaniýa bu ulagy öndürmek üçin ýurduň Senagat we maglumat tehnologiýalary ministrligine ýüz tutdy. Resminamada ulagyň tehniki aýratynlyklary bilen suraty hem berilýär. Kiçi elektroulagyň daşky şekili kompaniýanyň «Ocean» seriýasyny emele getirýän «Seal» hem-de «Dolphin» ulaglaryna meňzeýär.

Täze ulagyň dürli kuwwatlylykda batareýasy bolan birnäçe görnüşi bolar. Uzynlygy 3 metr 78 santimetr, ini 1 metr 71,5 santimetr we beýikligi 1 metr 54 santimetr boljak ulagyň öňki we yzky tigirleriniň arasynyň 2,5 metr boljakdygy habar berildi.

Ulagyň önümçiligine şu ýylyň dowamynda başlanmagyna we satuwa çykarylmagyna garaşylýar.

GADYRLY OKYJYLAR!

«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2023-nji ýylyň I ýarym ýyllygynyň 5 aýlygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.

INDEKSI 69477




TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly:

- ✓ *Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;*
- ✓ *Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;*
- ✓ *Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;*
- ✓ *Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.*

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ygtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer.

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:***
**44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.**

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**

ЦЕНТР ЭЛЕКТРОНИКА «MAWY EKRAN»





– Оптовая и розничная продажа запчасти для электроники и ЛЕД лампы для телевизоров
– Продажа запчастей для компьютеров и бытовой техники
– Принимаем заказы с Китая
– Продажа аксессуаров для мобильных телефонов
– Ремонт телевизоров и мониторов
– Ремонт и установка бытовой техники



Ашгабат: +993(65)-68-35-95 / +993(63)-66-27-72
Балканабат: +993(61)-69-72-70
Туркменабат: +993(65)-20-04-20








Наш адрес:
Парахат 7/1, 8-ой дом (около базара «Берекетли»).

H/K: 101122503548